# Sahyh Ýagşy söz

**(Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň sahyh hadyslaryndan saýlanyp alnan zikirler we dileg-dogalar)**

صحيح الكلم الطيب

[ Turkmen – Türkmençe – تركماني ]


**Ýazyjy: Şeýh ul-Islam Ibnu Teýmiýýa**

المؤلف: شيخ الإسلام إبن تيمية

**Gözden geçiren: Şeýh Muhammed Nasr ad-Din al-Albani**

التحقيق: محمد ناصر الدين الألباني

**Terjime eden: (Allanyň rehmedine umyt baglaýan bende).**

**Alla olara we şu kitaby okanlaryň ählisine rehim etsin.**

ترجمة: العبد الراجي رحمة ربه

## Zikir etmegiň fazyleti.

1. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem-: “Siziň Perwerdigariňiziň ýanynda, haýsy amalyňyzyň has haýyrly we päkdigini derejäňiziň ýokary galmagy üçin has ýagşy, altyn-kümiş sadaka bereniňizden hem has haýyrly we duşmanlaryňyza sataşyp, olary öldüreniňizden ýa-da olar sizi öldürip şehit bolanyňyzdan hem has haýyrly amaly aýdaýynmy” diýende! Olar: «Hawa, ýa Resulalla » diýýärler. Ol: «Allanyň zikridir» diýýär.

2. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem-: “Saýlananlar ozdylar” diýende, sahabalar: “Eý, Resulalla olar kim?” diýdiler Resulalla:”Allany köp ýatlaýan erkekler we aýallardyr” diýýär.

3. Abdulla bin Busr aýdan: Bir adam: «Ýa Resulalla Yslamyň hökümleri köpeldi, berk ýapyşyp amal etmegim üçin bir zady habar ber diýýende. Ol: «Seniň diliň Alla Tagalanyň zikri bilen hemişe öllenip dursun» diýýär.

4. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem aýdan-: «Öz Perwerdigärini ýatlaýan bilen öz Perwerdigärini ýatlamaýanyň mysaly diri bilen öliniň mysaly ýalydyr».

5. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem aýdan-: “Kim bir ýerde oturyp Allany ýatlamasa, oňa Alla tarapyndan hasrat-kemçilik deger we ýene-de kim bir ýerde gyşarsa, we şol ýerde Allany ýatlamasa oňa Alladan hasrat-kemçilik bolar”.

## Tahmid (Alhamdullilah) tesbih (Subhanallah) we tehlil (Lä ilähä ilallah) diýmekligiň fazyleti.

6. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem aýdan-: «Kim günde ýüz gezek: Alladan başga iläh ýokdur, ol ýeke-täkdir we onuň şärigi ýokdur,

mülk we hamd onuňkydyr. Ol her bir zadyň üstünden kadyrdyr» diýse, ol adam on gul azat eden ýaly bolar we oňa ýüz sogap ýazylyp, ondan ýüz güna aýrylar we tä agşam düşýänçä, ol oňa şeýtandan gorag bolar we ondan köp aýdan adam bolaýmasa, hiç kim ondan artyk ýagşy iş eden däldir.

**La ilaha Illalla wahdahu la şerikeleh lehul-mülk we lehul-hamd we huwa ala kulli şeý-in kadir**

**لا إله إلا الله وحده لا شريك له له الملك وله الحمد وهو على كل شيء قدير**

7. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem aýdan-: «Kim günde ýüz gezek: “Alla päkdir, oňa hamd we öwgi bolsun”» diýse, onuň deňziň köprjigi ýaly günäsi bolsada, geçiler.

**Subhanallahi we bihamdihi**

**سبحان الله وبحمده**

8. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem aýdan-: «Iki söz bardyr, olar dilde ýeňildirler, mizanda bolsa agyrdyrlar, Rahman hem olary söýýändir: «Alla päkdir, oňa hamd bolsun we Alla Beýik päkdir».

**Subhanallah we bihamdih we Subhanallahil-Azym**

**سبحان الله وبحمده سبحان الله العظيم**

9. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem aýdan-: «Subhanallah we Alhamdullilah we Lä Ilähä ilalla we Allahu Ekber» diýmegim meniň üçin güniň üstüne dogan zatlaryň ahlisinden (ähli dünýäden) haýyrlydyr».

**Subhanalla we Alhamdulillah we Lä ilähä illalla we Allahu Ekber**

**سبحان الله والحمد لله ولا إله إلا الله والله أكبر**

10. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Dört sany sözi Alla söýýändir haýsysy bilen başlasaňyzda zyýany bolmaz”:

**«Subhanallah we Alhamdullilah we Lä ilähä ilalla we Allahu Ekber»**
**سبحان الله والحمد لله ولا إله إلا الله والله أكبر**

11. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem-: “Siziň biriňiz günde müň sogap gazanyp bilermi?” diýýär. Şol ýerde oturanlaryň biri: “Biz nähili günde müň sogap gazanyp bileris!” -diýip soraýar. Şonda Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem-: “Kim ýüz gezek Subhanallah diýse, ol adama müň sogap ýazylyp, müň günäsi geçiler” diýýär.

12. Möminleriň enesi Juweýriýa –Alla ondan razy bolsun- aýdýar:” Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- ertir namazyny okandan soň, onuň ýanyndan çykyp gidýär, ol (Juweýriýa) bolsa namaz okan ýerinde zikir edip otyrdy. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- guşluk namazynyň wagtynda dolanyp gelse, Juweýriýany şol oturan halynda görýär. Şonda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: “meniň çykyp gidenimdäki oturşyň ýaly otyrsyňmy?” diýýär. Ol: «Hawa» diýýär, şonda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: “Seniň yz ýanyňdan dört sany sözi üç gezek aýtdym seniň uzakly gün aýdanyň bilen deňeşdirläýse, meniň aýdan sözlerim agyr geler: «Ýaradan zatlaryň sanyça Subhanallah, özi razy bolýança Subhanallah, Arşynyň agramy ýaly Subhanallah, sözüniň köpligi ýaly Subhanallah» diýýär.

**Subhanallahi adada halky, Subhanallahi ryzo nefsi, Subhanallahi zinata arşi, Subhanallahi midade kelitati.**
**سبحان الله عدد خلقه سبحان الله رضي نفسه سبحان الله زنة عرشه سبحان الله مداد كلماته"**

13. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- çölde ýaşaýan çarwa: “Alladan başga hudaý ýokdur, Ol ýeke-täkdir Onuň şärigi ýokdur, Alla Iň beýikdir, we Alla köp ähli hamdu-sena bolsun, we ähli güýç-kuwwat

yeketäk Azym Allanyňkydyr” - diýýar, şonda ol: «Şu zatlar meniň Perwerdigarim üçin, maňa bolsa name?» diýýär. Şonda Resulalla - sallalahu aleýhi we sellem- :«Eý Alla meni magpyret et (ýalkaweri), rahmet et, meni dogry ýola gönükdir, salamat sakla, we maňa ryzk ber, diý» - diýýär.

**La ilähä illallahu wahdahu la şerikeleh, Allahu Ekber kebiro, wel-hamdulillahi kesiro, Subhanallahi Robbul-alemin, we la hawla we la kuwwata illa billahil Azizul Hakim Allahummagfirli werhamni, wehdini, we afini, werzukni.**

**لا إله إلا الله وحده لا شريك له الله أكبر كبيرا والحمد لله كثير ا سبحان الله رب العالمين لا حول ولا قوة إلا بالله العزيز الحكيم."**

**"اللهم اغفر لي وارحمني واهدني وعافني وارزقني"**

14. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Isra (Magraj) eden gijäm, men Ybraýym aleýhissalama duşanymda ol: “Eý, Muhammed öz ummatyňa menden salam aýt-da we olara habar et: “Jennet mes toprakly, süýji suwly we ol düz meýdandygyny hem-de onuň nahaly Subhanallah we Alhamdullilah we Lä ilähäillalla we Allahu Ekberdir” diýdi.

**"سبحان الله والحمد لله ولا إله إلا الله والله أكبر "**

15. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- bir sahaba aýdan: “Men saňa jennetiň hazynalarynyň bir hazynasyna ugrukdyraýynmy!” diýende, Men: «Hawa, eý Resulalla» diýdim. Ol: “Ähli güýç we kuwwat ýeketäk Allanyňkydyr” - diý, diýýär.

**La hawla we la kuwwata illa billäh.**

**"لا حول ولا قوة إلا بالله"**

# Ertir we Agşam aýdylýan zikirler

16. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Kim ertir irden ýa-da agşamlyk ýüz gezek: «Alla päkdir, Oňa hamdu-sena bolsun» diýse, ondan kän aýdan ýa-da şonça aýdan adam bolaýmasa, kyýamat güni ondan ýagşy iş bilen hiç-kim gelmez”.

**Subhanallahi we bihamdihi**

**سبحان الله وبحمده.**

17. Agşam düşende Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- : “Agşama ýetdik, Allanyň mülkinde hem agşam düşdi. Alhamdullilah, Alladan başga iläh ýokdur, Ol ýeke-täkdir onuň şärigi hem ýokdur mülk hem öwgi-sena onuňkydyr, Ol her zadyň üstünden Kadyrdyr, Eý Robbim men senden şu gijäniň haýryny soraýaryn we ondan soňkylaryň haýryny hem soraýaryn we şu gijäniň şerinden we ondan sonkylaryň şerinden senden pena soraýaryn, Robbim men ýaltalykdan we erbet tekepbirlikden senden pena soraýaryn, Robbim men ot azabyndan we gabyr azabyndan, senden pena soraýaryn”,we daň atanda-da şeýle aýdan eken: Daňymyz atdy, Allanyň mülkinde hem daň atdy...

**"أمسينا وأمسى الملك لله والحمد لله لا إله إلا الله وحده لا شريك له له الملك وله الحمد وهو على كل شيء قدير رب أسألك خير ما في هذه الليلة وخير ما بعدها وأعوذ بك من شر ما في هذه الليلة وشر ما بعدها رب أعوذ بك من الكسل وسوء الكبر رب أعوذ بك من عذاب في النار وعذاب في القبر"**

18. Abdulla bin Hubeýb –Alla ondan razy bolsun- aýdýar: “Ýagyşly garaňky gijede, biz bilen namaz okamaklygy Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemden- haýyşt etdik. ol: «Aýt» diýdi, men hiç zat diýmedim, soňra ol «Aýt» diýdi, men hiç zat diýmedim, soňra ol ýene-de «Aýt» diýdi men: «Ýa

Resulalla näme aýdaýyn» diýdim, Ol: «Aýt, ol Alla birdir we Falak we Nas”, ýagny Yhlas, Falak we Nas  surelerini okamaklygy, olary sen agşam düşende we daň atanda okasaň saňa hemme zatdan ýeterlik bolar» diýdi.

19. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem-  öz sahabalaryna şu zatlary öwreden: “Her biriňiz daňdan şu sözleri aýdyň: Eý Alla, seniň ýardamyň bilen daň atyrdyk, seniň ýardamyň bilen agşamy ýaşyrdyk, seniň ýardamyň bilen direlýäris we seniň ýardamyň bilen ölýäris we (kyýamatda) Seniň öňüňde toplanarys”.

Eger agşamy ýaşyrşsa goý ol aýtsyn: “Eý Alla seniň ýardamyň bilen agşamy ýaşyrdyk, seniň ýardamyň bilen daň atyrdyk, seniň ýardamyň bilen direlýäris we seniň ýardamyň bilen ölýäris we saňa  dolanarys”.

**إذا أصبح أحدكم فليقل : اللهم بك أصبحنا وبك أمسينا وبك نحيا وبك نموت وإليك النشور**
**وإذا أمسى فليقل : اللهم بك أمسينا وبك أصبحنا وبك نحيا وبك نموت وإليك المصير**

## Iň beýik istigfar.

20. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Allahym, Sen meniň perewerdigärimsiň, Senden başga ybadata hakly iläh ýokdur, Sen meni ýaradansyň, we men Seniň bendäňdirin, Men güýjimiň ýetdigiçe, Saňa beren ähtimde we wadamdadyryn, öz eden amallarymyň şerinden men Senden pena soraýaryn, maňa beren hemme nygmatlaryňy ykrar edýärin, we günälerimi hem boýun alýaryn, meniň günämi geç, çünki Senden başga hiç kim günälermi geçýän däldir”.

Kim şuny agşam aýdyp şol gijede ölse jennete girer, we kim şuny ertir irden aýtsa we şol gün ölse  jennete girer.

**Allahumme ente Robbi, Lä ilaha  illa ente holaktaniý we ene ala ahduke we wa`duka maistatgtuka, auzi bike min şerri ma sonagtu, ebuu**

**lek binegmatike aleýe, we ebuu bizenbi fagfirli feinnahu ,lä ýagfiruzzunuba illa ente.**

**اللـهم أنت ربي لا إله إلا أنت خلقتني وأنا عبدك وأنا على عهدك ووعدك ما استطعت أعوذ بك من شر ما صنعت أبوء لك بنعمتك علي وأبوء بذنبي فاغفر لي فإنه لا يغفر الذنوب إلا أنت .**

21. Ebu Bekr Syddyk -Alla ondan razy bolsun- aýdýar: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýtdy: “Eger daň atyrsaň we agşamyňy ýaşyrsaň şeýle diý: “Eý gaýyby we haziri biliji, asmanlary we ýeri ýokdan bar eden Allam, Sen her zadyň perwerdigäri we onuň eýesi, Senden başga ilähiň ýokdugyna şaýatlyk edýärin, men Senden öz nefsimiň şerinden pena soraýaryn, we şeýtanyň şerinden –başga bir rowaýatda- “we özüme zyýan ýetirmekden ýa-da bir musulmana zyýan etmekden pena soraýaryn.” Şulary daň atanda we agşam düşende we düşege geçeniňde aýt”.

**اللهم عالم الغيب والشهادة فاطر السموات والأرض رب كل شيء ومليكه أشهد أن لا إله إلا أنت أعوذ بك من شر نفسي وشر الشيطان وشركه وفي رواية : وأن أقترف على نفسي سوءا أو أجره إلى مسلم . قله إذا أصبحت وإذا أمسيت وإذا أخذت مضجعك"**

22. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Her bir bende her gün daň atanda we her gijäniň agşamynda: “Bismilla, Allanyň ady bilen ýerde we Asmanda hiç zat zyýan ýetirmez, Ol Eşdiji we Bilijidir” diýip, üç gezek diýse hiç zat zyýan etmez.

**Bismillahillezi lä ýazurru maga ismihi şeýun fil – ardy we lä fissama we huwel- semigul-alym**

**بسم الله الذي لا يضر مع اسمه شيء في الأرض ولا في السماء وهو السميع العليم**

23. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- daň atanda we agşam düşende şu dogalary hiç goýan däldir: “Eý Allahym men Senden şu dünýäde we ahyretde afyýet (amanlyk) dileýärin, Eý Allahym men Senden apuw(bagyşlamgy) we amanlygy öz dinimde, we dünýämde, ählimde we malymda dileýarin, Eý Alla aýyplarymy örteweri we gorkularymy amanlyga öwreweri. Eý Alla meni öňümden, yzymdan, sag tarapymdan, çep tarapymdan we üstimden gora we Seniň azamatyň bilen ýer ýuwutmadan pena soraýaryn.

**Allahumma inni eseluke al-afiýa fi dunýa we al ahyra, Allhumma Eseluke al-afwa we al afiýa fi diýni we dunýaýa we ähli we mäliý, Allhumma ustur awrati we ämin rawati, Allahumma ihfazni min beýne ýedeýe we min holfi we an ýemini we an şimäli we fowky we auzu biazamatike en ugtalla min tahty.**

**اللهم إني أسألك العافية في الدنيا والآخرة اللهم أسألك العفو والعافية في ديني ودنياي وأهلي ومالي اللهم استر عوراتي وآمن روعاتي اللهم احفظني من بين يدي ومن خلفي وعن يميني وعن شمالي ومن فوقي وأعوذ بعظمتك أن أغتال من تحتي.**

## Ýatmazdan ozal aýdylýan zikirler.

24. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- ýatmaklygy islände şeýle aýdan: “Eý Allahym, Seniň adyň bilen ölýärin we direlýärin”.

Eger oýansa şeýle diýen “Ölümden soň bizi direlden Allaha hamd bolsun we biz oňa dolanyp bararys”.

**Bismike – Allahumme emutu we ahýa.**

**"باسمك اللهم أموت وأحيا " .**

**Oýanan soň: Alhamdullilahi ahýana bagda ma ämatena we ileýhinnuşur.**

وإذا استيقظ من منامه قال : " الحمد لله الذي أحيانا بعد ما أماتنا وإليه النشور

25. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- gije düşegine girende öz ellerini jemläp üfläpdir we: Kul huwallany (yhlas süresini), Kul Auzu bi Robbil Felagy (Felak süresi) we Kul Auzu bi Robinnasi (Näs süresi) içine okapdyr, soňra bolsa kellesinden we ýüzünden başlap, bedeniniň ähli ýerine elleri bilen sürtüpdir, we üç gezek şeýle ederdi”.

26. Abu Hureýra -Alla ondan razy bolsun- aýdýar: “Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- meni sadakalaryň üstünden gözegçi edip goýan, günlerde bir gün biri gelip, şol sadakadan alýar, bu ýagdaý her gije şeýle bolýar, haçanda üçünji gije gelende «Men seni Resulalla -sallalahu aleýhi we selleme- alyp gitjek” diýemde. Ol: “Meni goýber men saňa şeýle bir sözleri öwredeýin, Alla saňa şol sözler bilen peýda berer - Sahabalar haýr işleri etmäge gaty yhlaslydylar- Ol aýtdy: “Eger düşegiňe girseň «Aýatul Kursini» tä gutarýança oka, Alla seniň üstüňe goragçy indirer we daň atýança saňa şeýtan golaýlaşmaz”. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: “Ol ýalançy bolsada, saňa çynyny aýtdy, çünki ol şeýtandyr” diýýär.

27. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Kim gije Bakara süresiniň soňky iki aýatyny okasa hemme zatdan oňa ýeterlik bolar”.

28. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Eger biriňiz düşeginden turandan soň dolanyp gelse, goý ol köýneginiň etegi bilen düşegini üç gezek süpürsin, çünki ol özünden soň gelen zady bilýän däldir, eger gyşarsa, goý ol: «Robbim Seniň adyň bilen men öz başymy goýýaryn we Seniň ýardamyň bilen men ony galdyrýaryn, eger janymy alyp galsaň oňa rehim et, eger goýberseň, ony salyh bendeleriňi goraýşyň ýaly gorap sakla»- diýsin. Eger biriňiz oýansaňyz goý ol şeýle aýtsyn: Meniň jesedimi salamat eden we ruhymy gaýdyp beren hem-de öz zikrini etmeklige rugsat beren Allaha hamd bolsun.

29. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- Ala we Fatima aýdýar: “Men sizi guldan hem haýyrly zada gönükdireýinmi! «Eger düşegiňize girseňiz 33 gezek Subhanallah, we 33 gezek Älhamdulillah we 34 gezek Allahu Ekber diýiň» diýýär.

Aly Resulalla sallalahu aleýhi we sellemden eşidenimden soň men şulary hiç taşlamadym diýýär. Ondan soraýarlar: Hat-da Syffyn gijesinde-demi! Ol: Hatda Syffyn (söweşleriň biri) gižesinde-de taşlamadym” diýýär.

30. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- eger ýatmak islese sag elini ýaňagynyň aşagyna goýup: “Eý Alla bendeleriňi direltjek güniň, meni öz azabyňdan gora” diýýär.

**Alahumma kyni azabaka ýewma tab`asu ybadeke. Üç gezek**

**"اللهم قني عذابك يوم تبعث عبادك" ثلاث مرات**

31. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem-: “Eger öz düşegine girse: Bize tagam beren, we teşnelikden gandyran, we ýeterlik bolan düşelge (öý, menzil) beren. Allaha hamd bolsun çünki, köpleriň ýeterlik berijisi we duşelge berijisi ýokdur”.

**Alhamdulillahillezi et`Amana we sakana we kefena we ewaana fekam mim men la kafiýe la hu we la mu`wiý .**

**الحمد لله الذي أطعمنا وسقانا وكفانا وآوانا فكم ممن لا كافي له ولا مؤوي .**

32. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- bir adam düşege girende şulary aýtmagyny buýurýar: “Eý Allam, Sen meni ýaradansyň, Sen meniň janymy alýarsyň, onuň diriligi we ölümi seniň eliňdedir, eger Sen ony direltseň ony gorap sakla, eger öldürseň onda onuň günäsini geç, eý Alla Men senden salamatlyk soraýaryn”.

**Allahumma ente holakta nefsiý we ente tetewefaha lake mematuha we mahýana in ahýeýteha fahfazha we in emetteha fagfir lä ha, Allahumma inniý eselukal-afiýa.**

**اللهم أنت خلقت نفسي وأنت تتوفاها لك مماتها ومحياها إن أحييتها فاحفظها وإن أمتها فاغفر لها اللهم إني أسألك العافية**

33. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- düşegine girende: “Allahym asmanlaryň Rebbi we ýeriň Rebbi , Beýik arşyň Rebbi, biziň Rebbimiz ,her bir zadyň Rebbi, dänäni we şänigi Töwraty, Injili, Furkany indiriji, her bir ýaramazyň şerinden men Senden pena soraýaryn, Sen onuň alyn saçyndan tutujysyň, eý Allam Sen Owwalsyň, Senden öň hiç bir zat ýokdur, Sen Ahyrkysyň Senden soň hiç bir zat ýokdur, Sen Zahyrsyň Senden ýokarda hiç zat ýok we Sen Batynsyň, biziň Senden gizlin hiç zadymyz ýokdur, bergimizi üzmäge ýardam ber we bizi garyplykdan alyp gal” diýen.

**"اللهم رب السماوات ورب الأرض ورب العرش العظيم ربنا ورب كل شيء فالق الحب والنوى ومنزل التوراة والإنجيل والفرقان أعوذ بك من شر كل ذي شر أنت آخذ بناصيته اللهم أنت الأول فليس قبلك شيء وأنت الآخر فليس بعدك شيء وأنت الظاهر فليس فوقك شيء وأنت الباطن فليس دونك شيء اقض عنا الدين وأغننا ممن الفقر"**

34. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýtdy: “Eger düşege girseň namaza täret alyşyň ýaly täret alda, sag tarapyňa ýat we soň şeýle diý: “Eý Allam men Saňa öz nefsimi boýun etdim we Saňa ýüzüm bilen ýüzlendim, we öz işimi Saňa tabşyrdym we arkamy Saňa berdim, umyt we gorky bilen, Senden başga gaçybatalgam ýok, inderen kitabyňa, iberen Pygamberiňe iman getirdim”. Eger sen şol gije öläýseň, onda Fytratda (ýagny, musulman halyňda) ölersiň, we şu sözleri soňky sözleriň et.

## Gije oýansaň aýdylýan sözler.

35. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Kim gije oýanyp, Alladan başga iläh ýokdur, ol ýeke-täkdir, onuň şärigi ýokdur, mülk we hamd onuňkydyr. Ol her bir zadyň üstünden Kadyrdyr, Subhanallah we Alhamdullilah we Lä ilähäilalla we Allahu Ekber la hawla we la kuwwata illa billahil aliý ýul azym diýse ýa-da doga etse jogap beriler, eger täret alyp namaz okasa kabul ediler”.

**Lä illaha illallahu wahdahu lä şerikele lahul mulkul we lahul hamd we huwa ala kuli şeý in kadir Alahamdulillah we Subhanallah, we La illaha illalla we Allahu Ekber we La howla wa La kuwwata illa Billahil-aliýul-azym. Allahummagfirli.**

**إله إلا الله وحده لا شريك له له الملك وله الحمد وهو على كل شيء قدير الحمد لله وسبحان الله ولا إله إلا الله والله أكبر ولا حول ولا قوة إلا بالله العلي العظيم ثم قال : اللهم اغفر لي**

36. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Kim täretli düşegine girse we gije oýansa şu dünýäniň we ahyrýediň haýryndan bir zat dilese, Alla ony oňa berer”.

37. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Eger biriňiz oýansaňyz goý ol aýtsyn: “Maňa ruhumy gaýtaryp, jesedimi salamat eden we ony zikir etmeklige rugsat beren, Allaha hamd-öwgi bolsun.

**Alhamdu lillahillezi rodda aleýýe ruhi we afani fi jesedi we ezine li bizikrihi.**

**الحمد لله الذي رد علي روحي و عافاني في جسدي و أذن لي بذكره.**

38. Gorky abananda Resulalla şu sözleri sahabalara öwrederdi: “Allanyň tamam sözleri bilen bendeleriň şerinden we şeýtanlaryň şerinden pena soraýaryn”.

**Auzu bikeli ma til lahi Tämme min gazabihi we şerri ybadihi we min hemezati şeýatyn we en ýahdurun.**

**أعوذ بكلمات الله التامة من غضبه وشر عباده ومن همزات الشياطين وأن يحضرون**

39. Abu Salama bin Abdyrrahman aýdýar: “Men Katada bin Rib`yýden şeýle eşitdim, ol aýdan: “Men Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemiň- şeýle diýenini eşitdim: “Ýagşy düýş Alladandyr, (erbet düýş) şeýtandandyr, eger biriňiz düýşüňizde halamaýan zadyny görse, oýanandan soňra çep tarapyna üç gezek çüflesin we onuň şerinden, Allladan pena sorasyn, In şä Alla (eger Alla islese) onuň zyýany ýetmez.

Abu Salama aýdýar: “Men dagdan hem agyr düýş görýärdim. Haçanda şu hadysy eşidenimde, olara hiç hili üns hem bermedim.

Başga rowaýatda şeýle diýýär: “Meni gaýgylandyrýan düýşleri görýärdim, soňra men Abu Katadan şeýle hadysy eşitdim: “Men keselledýän düýşleri görýärdim tä Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemden- eşidýänçäm, ol şeýle diýen: “Ýagşy düýş Alladandyr, eger biriňiz halaýan zadyňyzy görseňiz, diňe gowy görýän adama ony aýtsyn, eger halamaýan zadyny görse, onda ony hiç kime gürrüň bermesin we çep tarapyna üç gezek çüflesin we şeýtanyň şerinden, düýşde gören zatlarynyň şerinden pena sorasyn, çünki ol zyýan etmez.

40. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Eger biriňiz halamaýan zadyny görse çep tarapyna üç gezek çüflesin we üç gezek Alladan şeýtanyň şerinden pena sorasyn we beýleki tarapyna öwrülip ýatsyn”.

## Gijeki edilen ybadatyň fazyleti.

41. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Gijäniň soňky üçünji bölegi galanda, Perwerdigärimiz asmanyň dünýä gatyna düşýär we: “Kim doga etse, Men jogap bererin, we kim Menden sorasa Men (soran zadyny) bererin, we kim istigfar (ýalkawlyk) dilese günäsini geçerin” diýýär.

42. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Bende öz Perwerdigärine iň golaý wagty, gijäniň içidir, eger sen şol wagt Allany ýatlaýanlardan bolup bilseň bolgun”.

43. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Her gijede şeýle bir wagt bardyr, bende şol wagtda şu dünýäniň ýa-da ahyrediň haýryndan bir zat dilese ol beriler”.

## Öýden çykylanda aýdylýan zikirler.

44. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Kim öýünden çykanda: “Bismilla, Alla töwekellik etdim, we ähli güýç we kuwwat ýeketäk Allanyňkydyr” diýse, oňa aýdylar: «Ýeterlikli bolduň we hak ýola gönükdirildiň, we şeýtan ondan daşlaşar, we ol şeýtan beýleki şeýtana: hidaýat edilen, kifaýat edilen we goralyp saklanýan adama nähili golaýlap bilersiň” diýer.

**Bismillah , töwekgeltu alalla, la howla we la kuwwata illa billah.**

**الله توكلت على الله . لا حول ولا قوة إلا بالله**

45. Ummu Seleme –Alla ondan razy bolsun- şeýle diýýär: “Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- meniň öýümden her gezek çyksa gözüni asmana

galdyryp: “Eý Perwerdigärim: men Senden azaşmakdan ýa-da azaşdyrylmakdan, taýmakdan ýa-da taýdyrylmakdan, zulum etmekden ýa-da zulum edilmekden ýa-da jahillik (nadanlyk) etmekden ýa-da ozume jähillik edilmekden Senden pena soraýaryn.” diýerdi.

**Allahumma inniý auzi bike en ezylla öw uzal. öw ezilla öw uzall öw azlyma öw uzlam, öw ejhal öw ýujhal aleýýa.**

"اللهم إني أعوذ بك أن أضل أو أضل أو أزل أو أزل أو أظلم أو أظلم أو أجهل أو يجهل علي"

## Öýe girilende aýdylýan zikirler.

46. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- aýdýar: “Eger bir adam öýüne, girende we nahar başynda Allany ýatlasa, şeýtan aýdar: “Bize ýatalgada ýok, agşamlyk nahar hem ýokdur. Eger girende Allany ýatlamasa, onda şeýtan diýer: “Siz ýatalga tapdyňyz we nahar iýende Allany ýatlamasa, ol diýer siz ýatalga we agşamlyk nahar tapdyňyz”.

47. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem aýdýar-: “Eý oglum, eger öýüňe girseň salam bergin, ol saňa we öýüňdäkilere bereket bolar”.

## Mesjide girilende we çykylanda aýdylýan zikirler.

48. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- mesjide girende şeýle diýen:

**“Bismillah Allahumma solli ala Muhammed** بسم الله اللهم صل على محمد”

49. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- şeýle aýdan: “Eger kimdir biri mesjide girse, pygambere salam aýtsyn we: “Eý Alla maňa rehmet gapylaryňy aç” diýsin.

Eger çyksa: “Eý Alla men seniň fazlyňy dileýärin” diýsin. Bir rowaýatda şeýle gelen: Mesjitden çykylanda-da salam aýtsyn.

50. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- mesjide girende şeýle diýen: “Alladan we onuň Kerim didaryndan, lagnatlanan şeýtandan pena soraýaryn” Eger şuny diýse, şeýtan: “Ol menden uzakly gün goralyp saklanar” – diýer.

**Auzu billahi al-Azym we biwejhihi al-Kerim we bisultanihi al-kadym mineş-şeýtan ar-rajim.**

**أعوذ بالله العظيم و بوجهه الكريم و بسلطانه القديم من الشيطان الرجيم.**

## Azany aýdýan we ony eşidýäniň aýtmaly zikirleri.

51. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Eger adamlar azan aýtmakda we jemagat namazynyň birinji hatarynda, nähili sogabyň bardygyny bilseler, onda olar bije atyşmaly bolsalar hem atyşardylar”.

52. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Eger azan aýdylsa, şeýtan azan eşitmezlik üçin ýel çykaran halynda ylgap gider, haçanda azan gutarsa, ol gaýdyp geler, eger kamat aýdylsa, ol gaçyp gider, eger kamat gutarsa, ol täzeden dolanar, namazda duran adamy was-wasa salyp, şuny ýatla, ýene şuny ýatla diýip ýatlamajak zadyny ýatladar, tä ol adam näçe rekat namaz okanyny hem bilmez.

53. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Azanyň sesini jyn ýa-da yns eşitseler, olar kyýamat güni şaýat bolarlar”.

54. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Eger azan eşitseňiz azançynyň aýdan zatlaryny gaýtalaň”.

55. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Eger azan eşitseňiz onuň aýdyşy ýaly aýdyň soňra maňa salawat aýdyň, çünki kim maňa bir salawat aýtsa, Alla oňa on gezek salawat aýdar. Soňra Alladan meniň üçin wesilet diläň, çünki ol jennetdäki bir menzildir, megerem jennetdäki ol ýere

Allanyň diňe bir bendesi mynasypdyr, men hem şol bende bolmaklygy umyt edýärin, kim meniň üçin wesilet dilese meniň şepagatyma duşar”.

56. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Eger azançy “Allahu ekber Allahu ekber” diýse, siz: “Allahu ekber Allahu ekber”diýiň eger ol “Eşhedu en lä ilähä illalla” diýse, siz:” Eşhedu en lä ilähä illalla” diýiň soňra ol: “Eşhedu enne muhammed resulalla” diýse, siz:” Eşhedu enne muhammed resulalla” diýiň, soňra ol: “Haýýa ala salat” diýse siz: “Lä hawla we lä kuwwata illa billa” diýiň eger ol: “Haýýa ala felah diýse” ol:“ Lä hawla we lä kuwwata illa billa” diýsin eger azançy “Allahu ekber Allahu ekber” diýse siz: “Allahu ekber Allahu ekber” diýiň soňra ol: “Lä ilähä illa” diýse siz hem: “Lä ilähä illalla”diýiň, we kim kalbyndan diýse jennete girer.

57. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Kim azan eşidenden soňra: “Eý Allam Sen şu kämil çakylygyň, gaýym namazyň Perwerdigärisiň, Sen Muhammede wesilet we fazylet ber we wada beren ýeriňe göter” diýse kyýamat güni meniň şepagatym ol adama nesip eder.

**Allahumma robba häzihi ad-dagwa at-tamma wes-salat al-koima äti muhammeden al-wasylata wel-fazylate web-gashu makaman ellezi wagadahu.**

**اللهم رب هذه الدعوة و الصلاة القائمة آت محمدا الوسيلة و الفضيلة و ابعثه مقاماً محموداً الذي وعدته.**

58. Abdyllla bin Omar –Alla ondan razy bolsun- aýdýar: “Bir adam: “Ýa Resulalla, azançylar bizden ýokarda (fazyletli) diýende, Resulalla: “Olaryň aýdyşlary ýaly aýtda, gutarandan soň Alladan dileg et, saňa dilän zadyň beriler”.

59. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Azan bilen kamat arasynda edilen doga-dileg gaýtarylmaýar”.

60. Sähl bin Sa`d –Alla ondan razy bolsun- aýdan: Resulalla sallalahu aleýhi we sellem şeýle aýdan: “Iki sany zat hiç gaýtarylýan däldir ýa-da az gaýtarylýandyr: “Azan wagty we jihat wagty edilen doga– dileg”.

## Namazyň başynda aýdylýan zikirler.

61. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- namaza duranda Kur’an okamazdan öň bir az salym dymyp durýar, şonda Abu Hureýra: “Eý resulalla enem-atam saňa gurban bolsun, tekbir bilen kyra’atyň arasynda näme diýýärsiň diýdi! Resulalla sallalahu aleýhi we sellem men: «Eý Alla gündogary günbatardan daş edişiň ýaly meni günalerimden daşlaşdyr, eý Alla ak köýnegiň hapadan päklenşi ýaly meni günalerimden päkle, eý Alla meni gar, suw we jöwenek bilen günalerimden ýuw».

**Allahumma ba`yd beýneni we beýne hotoýaýa kama ba`adta beýnel maşriky wel-magryb, Allahumma nakkynyý min hotoýaýa kama ýunakko soubul abýezi mineddenes, Allahummag-silniý min hotoýaýa bisselji wel-mai wel-bered.**

**" اللهم باعد بيني وبين خطاياي كما باعدت بين المشرق والمغرب اللهم نقني من خطاياي كما ينقى الثوب الأبيض من الدنس اللهم اغسلني من خطاياي بالثلج والماء والبرد "**

62. Jubeýr bin Mutgym Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemiň- namaz okaýanyny gördi: Ol diýen:

**Allahu ekber kebiro, welhamdulillahi kesiro we subhanallahi bukratan we asyla.Auzi billahi mineş-şeýtanir -ražim min nefsyhi we nefsihi we hemzihi.**

**" الله أكبر كبيرا والحمد لله كثيرا وسبحان الله بكرة وأصيلا [ ثلاثا ] أعوذ بالله من الشيطان الرجيم من نفخه ونفثه وهمزه**

63. Aýşa –Alla ondan razy bolsun- aýdýar: "Resulalla -sallallahu aleýhi we sellem- namaza başlanda şeýle diýýär:

**Subhaneke Allahumma we bihamdike we Tebarekesmuke we tala jedduke we Lä ilähä gaýruk.**

**"سبحانك اللهم وبحمدك وتبارك اسمك وتعالى جدك ولا إله غيرك"**

64. Omar –Alla ondan razy bolsun- tekbir edip, şu doga bilen namaza başlapdyr.

65. Resulalla -sallallahu aleýhi we sellem- namaza duranda şeýle aýdardy: “Asmanlary we ýeri ýaradana men öz didarym bilen ýuzlendim we men müşriklerden däldirin, elbetde meniň namazym, çalan damagym, meniň haýatym we ölümim älemleriň perwerdigäri Alla üçindir. Onuň hiç-hili şärigi ýokdur, şu zatlar maňa buýrulandyr we men musulmanlardandyryn, eý Allam, elbetde Sen Mäliksiň (Eýe) Senden başga hudaý ýokdur! Sen meniň Perwerdigärimsiň we men seniň guluňdyryn! Men öz nebsime zulum edendirin eden günämi hem boýun alýaryn, meniň ähli günälerimi geç! Elbetde, Senden başga günäni hiç-kim geçýän däldir, meni ýagşy gylyk-häsiýete gönükdir çünki ýagşysyna Senden başga hiç kim gönükdirýän däldir, ýaman (gylyk-häsiýetden) daşlaşdyr. Senden başga hiç kim ýaman gylyk-häsiýetden) daşlaşdyrýan däldir, Saňa boýun boldum, haýryň ählisi Seniň eliňdedir şer Saňa däldir, men Seniň bilen Saňa tarap gaýdýaryn, Sen bereketli we beýiksiň, Senden ýalkaw diläp toba edýärin.

**قال; وجهت وجهي للذي فطر السماوات والأرض حنيفا وما أنا من المشركين إن صلاتي ونسكي ومحياي ومماتي لله رب العالمين لا شريك له وبذلك أمرت وأنا من المسلمين اللهم أنت الملك لا إله إلا أنت أنت ربي وأنا عبدك ظلمت نفسي واعترفت بذنبي فاغفر لي ذنوبي جميعا إنه لا يغفر الذنوب إلا أنت وأهدني لأحسن الأخلاق لا يهدي لأحسنها إلا أنت وأصرف عني سيئها إنه لا يصرف عني سيئها إلا أنت آمنت بك تباركت وتعاليت أستغفرك وأتوب إليك.**

66. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- gije namaza duranda şeýle aýdardy: “Eý Alla Jibriliň, Mikailiň, Israfiliň Robbi, asmanlary we ýeri ýaradyjy, gaýyby we häziri biliji, bendeleriň arasyndaky bolan ihtilafda (agzalalykda) Sen höküm edersiň, ihtilaf edilen zatlaryň (hak zadyna) rugsadyň bilen dogry ýola gönükdir, elbetde Sen islän kişini dogry ýola hidaýat edersiň.

**فقال:"اللهم رب جبريل وميكائيل وإسرافيل فاطر السماوات والأرض وعالم الغيب والشهادة أنت تحكم بين عبادك فيما كانوا فيه يختلفون اهدني لما اختلف فيه من الحق بإذنك إنك على صراط مستقيم".**

67. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- gije namaza duranda şeýle aýdardy: “Eý Alla Saňa hamdy-sena bolsun, Sen asmanlaryň we ýeriň we olaryň arasyndakylaryň nurysyň, eý Alla Saňa hamdy-sena bolsun, Sen asmanlaryň we ýeriň we olaryň arasyndakylaryň işlerini dolandyrýarsyň, eý Alla Saňa hamdy-sena bolsun, Sen asmanlaryň we ýeriň we olaryň arasyndakylaryň rebbisiň, Sen haksyň, wadaň hakdyr, sözüň hakdyr, jennet hakdyr, ot hakdyr, pegamberler hakdyr, Muhammet hakdyr, kyýamat hakdyr, eý Allam Saňa boýun boldum we Saňa iman getirdim, Saňa töwekgellik etdim, Saňa dolanyp gaýtdym, Seniň ýardamyň bilen dawa etdim, Seniň hökümiň bilen höküm etdim, meniň öňki we soňky, gizlin we äşgar eden günälermi bagyşla, Sen meniň ilähimsiň, Senden başga iläh ýokdur.

**"يقول: اللهم لك الحمد أنت نور السماوات والأرض ومن فيهن ولك الحمد أنت قيام السماوات والأرض ومن فيهن ولك الحمد أنت رب السماوات والأرض ومن فيهن أنت الحق ووعدك الحق قولك حق والجنة حق والنار حق والنبيون حق و محمد حق والساعة حق اللهم لك أسلمت وبك آمنت وعليك توكلت وإليك أنبت وبك خاصمت وإليك حاكمت فاغفر لي ما قدمت وما أخرت وما أسررت وما أعلنت إنك إلهي لا إله إلا أنت."**

## Rukuda (eglim) we ondan galanda we sejde-de we iki sejdäniň arasynda aýdylýan dogalar.

68. Huzeýfa –Alla ondan razy bolsun- Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemyň- rukuda duranda şeýle aýdanyny eşidipdi: «Subhana Robbiýel-Azym» üç gezek. Eger sejde etse - «Subhana Robbiýel-Agla» üç gezek.

Subhana Robbiýel- Azym سبحان ربي العظيم

Subhana Robbiýel-Agla سبحان ربي الأعلى

69. Ali –Alla ondan razy bolsun- aýdan:Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- ruku edende: “Eý Allam Saňa ruku etdim, Saňa iman getirdim, saňa boýun syndym we Saňa gulagym, gözüm, beýnim, süňkim we damarlarym boýun egdi.

Eger rukudan kellesini galdyrsa: “Allany kim öwen bolsa Alla ony eşidendir, Rebbimiz Saňa doly asmanlar we ýer we olaryň arasyndaky zatlar ýaly hamdy-sena bolsun” diýendir.

Eger sežde etse seždesinde: “Eý Allahym men Saňa sežde etdim we Saňa iman getirdim, we Saňa boýun boldum, meniň ýüzüm ýaradan we syrat beren Alla sežde eden we ol gulagymy we gözümi ýaradandyr, iň gowy ýaradyjy bereketli Alladyr.»

70. Aýşa –Alla ondan razy bolsun- aýdan: “Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- rukusynda we sejdesinde şu sözleri aýdardy: “Eý Allam Sen biziň Robbimizsiň Sen päksiň, Saňa hamdy – sena bolsun. Eý Alla günämi geç” diýip, köp diýerdi.

سبحانك اللهم ربنا و بحمدك،اللهم اعفر لي.

71. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- rukuda we seždesinde: “Perişdeleriň we Ruhuň (Jibriliň) Robbi päkdir, mukaddesdir”- diýýärdi.

سبوح قدوس رب الملائكة و الروح.

72.Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Elbetde men rukuda we seždede Kur`an okamakdan gaýtaryldym, emma rukuda: Robbiňizi tagzym ediň, seždede bolsa, doga-dileg köp ediň, size tiz wagtda jogap berler.”

73. Auf bin Mälik aýdan: Bir gije men Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- bilen namaza durdum, şonda ol Bakara suresini okamaga durdy, ol rehmet aýatyny okanda saklanyp dileg edýärdi, azap barada aýat okanda bolsa, durup pena soraýardy, soňra ruku edýär, rukusy kyýamyna golaýrakdy, ol rukusynda: “Guýç kuwwatyň, mülküň, beýikligiň we azamatlygyň hojaýyny (Alla) päkdir” diýýärdi, soňra seždesinde hem şonuň ýaly zat aýdýardy.

سبحان ذي الجبروت و الملكوت و الكبرياء و العظمة.

74. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- oňurgasyny rukudan galdyranda, “Semiallahu limen hamideh” (kim Alla hamd aýtsa ol eşidýändir) diýýärdi, soňra bolsa dik duran halynda: “Robbena we lekel hamd” (Robbimiz we Saňa hamd bolsun) - başga bir rowaýatda-“Robbena lekel hamd” (Robbimiz Saňa hamd bolsun)

Simiallahu limen hamida. سمع الله لمن حمده

Robbana we lakel hamd ربنا ولك الحمد

Robbana lakel hamd. ربنا لك الحمد

75. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- rukudan kellesini galdyranda: “Eý Allam Saňa ýedi gat asmanyň, ýeriň we ol ikisiniň arasynyň dolulygy ýaly we mundan başgada seniň isleýşiňe görä, hamd-senalar bolsun, Sen sena we öwgä haklysyň, bendäniň hak aýdýan sözi, biziň hemmämiz Seniň bendeleriňizdiris, Eý Allam, Seniň bereniňe garşy

durjak ýokdur, Seniň mahrum eden zadyňy berjek ýokdur, hiç baýa onuň baýlygy Seniň ýanyňda peýdasy degmez.

**وعن أبي سعيد الخدري رضي الله عنه قال : كان رسول الله صلى الله عليه وسلم إذا رفع رأسه من الركوع قال" : اللهم ربنا لك الحمد ملء السموات وملء الأرض وملء ما بينهما وملء ما شئت من شيء بعد أهل الثناء والمجد أحق ما قال العبد وكلنا لك عبد اللهم لا مانع لما أعطيت ولا معطي لما منعت ولا ينفع ذا الجد منك الجد. "**

76. Rifaga bin Rafig aýdan: “Bir gün biz Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemiň- yzynda namaz okap durkak, ol rukudan kellesini galdyranda- (Semiallahu limen hamideh) diýdi, şonda yzyndaky adamlaryň biri: Robbimiz saňa köp-päk, mübarek hamdlar bolsun diýýär, haçanda namazy gutaranda: kim gürledi diýýär? ol: “men diýýär.” Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- : “men otuzdan köp perişdäniň şu sözleri birinji bolup ýazmaklyga howlukýandyklaryny gördüm” diýýär.

77. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: “Bende öz Robbine sežde-dekä has golaý bolýandyr, şonuň üçin sežde-de köp doga ediň”.

78. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- seždede: “Eý Allam, meniň hemme günalerimi, kiçisini we ulusyny, ilkinjisini we ahyryny, aýdyňyny we gizlinini geç” diýýärdi.

**Allahummagfirli zenbi kullahu dykgahu we jillahu we awwalahu we ahyrahu we alaniýetahu we sirrahu.**

**"اللهم اغفر لي ذنبي كله دقه وجله وأوله وآخره وعلانيه وسره**

79. Aýşa aýdan: “bir gije men Resulalla -sallalahu aleýhi we sellemi- (düşekde) tapmadym, şonda ony gözlemäge durdum, meniň elim onuň dabanyna degdi, ol namazda durdy, ol:«Eý Allam, men Seniň razylygyňdan gazabyňa uçramakdan we salamatyňdan azabyňa duçar bolmakdan pena soraýaryn, Seniň özüňden pena soraýaryn, Saňa aýdylýan öwginiň sany ýokdur, Saňa öz-özüňi öwşiň ýaly öwgi bolsun» - diýýärdi.

**Allahumma inni auzu birizoka min sahatike we bimuafatike min ukubatike we bike minke. La uhsyý senaýen alleýke ente kema esneýte ala nefsik**

**" اللهم إني أعوذ برضاك من سخطك وبمعافاتك من عقوبتك وأعوذ بك منك لا أحصي ثناء عليك أنت كما أثنيت على نفسك.”**

80. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- iki seždäniň arasynda : “Eý Allam, meniň günämi geç, maňa rehmet et, meni dogry ýola gönükdir, meni düzet, meni salamat et we maňa ryzk ber”- diýýärdi.

**Allahummagfirli wer-hamniý, wehdiniý wej-burnyý,we-afiniý, wer-zukniý**

**اللهم اغفرلي وارحمني واهدني واجبرني وعافني وارزقني”.**

81. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- iki seždäniň arasynda: “Eý Robbim günämi geç, Robbim günämi geç”- diýýärdi.

وفي حديث حذيفة رضي الله عنه : أن رسول الله صلى الله عليه وسلم كان يقول بين السجدتين " : **رب اغفر لي رب اغفر لي.** "

## Namazda we ettahyýatydan soň aýdylýan dogalar baby.

82. Resulalla -sallalahu aleýhi we sellem- aýdan: eger biriňiz soňky ettahiýatyny okap bolanyndan soň dört sany zatdan: Jähennem azabyndan, gabyr azabyndan, ýaşaýyş we ölüm pitnesinden we mesih dejjalyň şer pitnesinden pena sorasyn.

83. Aýşa razyallahu anhä aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem namazynda şu dogany edýardi: Eý Alla men Senden gabyr azabyndan pena soraýaryn, men Senden mesih dejjalyň şer pitnesinden pena soraýaryn,

ýaşaýyş we ölüm pitnesinden pena soraýaryn, we men Senden günä işlerden we bergiden pena soraýaryn.

Bir adam: Sen bergiden köp pena soraýarsyň” diýende ol: Eger adam bergä batsa geplese ýalan geplär, wada bersede wadasynda durmaz.diýýär.

**Allahumma inniý auzu bike min azabil kobri, we auzu bike min fitneti mesihid-dejjal, we auzu bike min fitnetil- mahe wel mamat, Allahummu inniý auzu bike minel ma`semi wel magram.**

**عن عائشة رضي الله عنها : أن رسول الله صلى الله عليه وسلم كان يدعو في الصلاة " : اللهم إني أعوذ بك من عذاب القبر وأعوذ بك من فتنة المسيح الدجال وأعوذ بك من فتنة المحيا والممات اللهم إني أعوذ بك من المأثم والمغرم " قال له قائل : ما أكثر ما تستعيذ من المغرم ؟ فقال " : إن الرجل إذا غرم حدث فكذب ووعد فأخلف "**

84. Abdylla bin Amr razyallahu anhu aýdan: Abu Bekr razyallhu anhu Resulalla sallalahu aleýhi we selleme bakyp maňa namazda aýdar ýaly doga öwret diýen, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem : Eý Alla men öz nebsime, köp zulum edendirin we Senden başga günä geçýän ýokdur, Sen meniň günälerimi geç we maňa rehmet et, elbetde Sen Al- Gafur we Ar-Rahymsyň, diý - diýýär.

**Allahumma inniý zolamtu nefsi zulman kesirol we la ýagfiruz-zunuba illa ente fagfirliý magfyreten min yndeke wer-hamniý innekel-Gafururahym.**

**اللهم إني ظلمت نفسي ظلما كثيرا ولا يغفر الذنوب إلا أنت فاغفر لي مغفرة من عندك وارحمني إنك أنت الغفور الرحيم**

85. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem ettahiýaty bilen salam arasynda iň soňky aýdýan zady şudur: Eý Allam meniň öňki we soňky,

gizlin we aýdyň çenden geçmämi we Seniň menden gowy bilýän günälerimi geç. Sen Al-Mukaddim we Sen Al- Muahhyrsyň, Senden başga hudaý ýokdur.

**Allahummagfirliý ma koddamtu wema ahhartu wema esrertu wema aglantu,wema esreftu wema ente aglamu bihi miniý,entel Mukaddim we entel-Muahhir la illaha illa ente.**

**"اللهم اغفر لي ما قدمت وما أسررت وما أعلنت وما أسرفت وما أنت أعلم به مني أنت المقدم وأنت المؤخر لا إله إلا أنت**

86. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- bir adamdan namazyňda näme diýýärsiň diýip soranda ol: “Men ettahiýatyny okaýarynda, Eý Alla men Senden Jenneti soraýaryn we Otdan pena soraýaryn” diýýärin, çünki men seniň we Muazyň aýdýan zadyny aýdyp bilemok diýýär. Pygamber -sallalahu aleýhi we sellem- : “Biz hem şony aýdýandyrys (ýagny, Jennete girmegi Alladan soraýarys)” - diýýär.

87. Ammar bin Ýasir razyallahu anhu bir gün namazy gysga okaýar şonda adamlar: “Namazyňy çalt okadyň-la” diýýärler, ol: “Aýby ýok, men Resulalladan eşiden dogamy etdim diýýär-de ötä gidýär, şonda adamlaryň biri onuň yzyna düşip şol dogany soraýar ol şeýle diýýär:

“Eý gaýyby bilýän Allam, gudratyň bilen ýaradýan (men Senden soraýaryn) eger dirilik maňa haýyrly bolsa meni direlt, eger ölüm maňa haýyrly bolsa meni öldür.

Eý Allam, men Senden gaýypda we hakykatda Senden gorkmagy soraýaryn, razylykda we gazapdan hak sözi aýtmagy soraýaryn, garyplykda we baýlykda aram bolmagy soraýaryn, tükenmejek nygmaty soraýaryn, soňsyz göz guwanjy soraýaryn, takdyrdan soň razylygy soraýaryn, ölümden soň rahatlygy, Seniň didaryňa seretmegiň lezzetini soraýaryn, kynçylyksyz-zyýansyz we fitnesiz Seniň bilen duşuşmag soraýaryn.

Eý Allam, bizi iman zynaty bilen zynatlandyr we dogry ýola gönükdirýänlerden we dogry ýola gönügenlerden et”.

88. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem namazyny gutarandan soň, üç gezek istigfar aýdyp «Eý Alla Sen Salamsyň we salam hem Sendendir, Eý Beýikligiň we keremiň eýesi Sen Tebareksiň (köp haýyrly).»-diýýärdi.

**Allahumma entes-Salam we miknes-Salam, tebarekte ýa, zel-Želali wel-Ikrom.**

**قال ثوبان رضي الله عنه : كان رسول الله صلى الله عليه وسلم إذا انصرف من صلاته استغفر الله ثلاثا وقال " : اللهم أنت السلام ومنك السلام تباركت يا ذا الجلال والإكرام.**

89. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem namazyny gutarandan soň : “Alladan başga hudaý ýokdur, ol ýeke-täkdir, onuň şärigi ýokdur, mülk we hamd onuňkydyr. Ol  her bir zadyň üstünden Kadyrdyr “ diýýärdi.

**Lä ilähäillallahu wahdahu la şerikelahu lahul mulk we lahul-hamd, we huwe ýala kuli şeýin kaddyr, Allahumma la mani`a lima agtoýta wela mugtyýa lima menagta wela ýenfagu zelžede min kel žed**.

**"لا إله إلا الله وحده لا شريك له له الملك وله الحمد وهو على كل شيء قدير اللهم لا مانع لما أعطيت ولا معطي لما منعت ولا ينفع ذا الجد منك الجد**

90. Abdylla bin Zubeýr razyallahu anhumä salam berenden soň her namazynyň yzyndan şeýle diýerdi: “Alladan başga hudaý ýokdur, ol ýeke-täkdir, onuň şärigi ýokdur, mülk we hamd  onuňkydyr, Ol  her bir zadyň üstünden Kadyrdyr, Allanyň güýç-kuwwatyndan başga güýç-kuwwat ýokdur, Alladan başga hudaý ýokdur, Ondan başga hiç-kime ybadat edýän däldiris, nygmat we fazl Onuňkydyr ýagşy öwgiler hem oňa mynasypdyr, Alladan başga hudaý ýokdur, dinde ýeke özüne yhlas ederis, hatda kapyrlar halamasalarda”.

Abdylla bin Zubeýr razyallahu anhumä şeýle diýýär:”Resulalla sallalahu aleýhi we sellem namazyndan soň şulary aýdardy.

وعن عبد الله بن الزبير رضي الله عنهما أنه كان يقول دبر كل صلاة حين يسلم " : لا إله إلا الله وحده لا شريك له له الملك وله الحمد وهو على كل شيء قدير لا حول ولا قوة إلا بالله لا إله إلا الله ولا نعبد إلا إياه له النعمة وله الفضل وله الثناء الحسن لا إله إلا الله مخلصين له الدين ولو كره الكافرون "

وقال ابن الزبير رضي الله عنهما: كان رسول الله صلى الله عليه وسلم يهلل دبر كل صلاة "

91. Ebu Hureýra razyallahu anhu muhajirlerden bolan garyplar Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ýanyna gelip: Baý adamlar hemme sogaplary we jennetleri özlerine aldylar, biziň namaz okaýşymyz ýaly namaz okaýarlar we oraza tutuşymyz ýaly oraza tutýarlar, ýöne olaryň mallary köp bolanlygy üçin haj - umra, jihät edýärler we sadaka berýärler” diýenler. Şonda ol: Men size şeýle bir zat öwredeýin, eger şony etseňiz sizden ozanlaryň yzlaryndan ýetersiňiz, yzyňyzdan gelenleri ozarsyňyz we siziň edişiňiz ýaly edäýmeseler siziň yzyňyzdan ýetmezler”.Olar:”Hawa, ýa Resulalla” diýýäler. Ol: “Her namazyň yzyndan (33 gezek) tesbih, tehmid (al-hamd) we tekbir aýdyň” diýýär.

92. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Kim namazyň yzyndan (33gezek) Subhanalllah we Alhamdulilllah we Allahu ekber we ýüzinjisinde- Alladan başga hudaý ýokdur, Onuň  şärigi hem ýokdur - diýse, onuň günäleri deňziň köpürjikleri ýaly bolsada geçiler”.

93. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Iki sany hasiýete musulman bende gaýym bolsa, ol jennete girer: olar ýeňildir, ýöne  olara amal edýänler gaty azdyr: namazdan soň on gezek tesbih, on gezek hamd we on gezek tekbir aýtsa, şu dilde ýüz elli gezek bolsa, ol mizanda  bir müň baş ýüz gezekdir.

Ýatanda (34 gezek) tekbir,(33 gezek) hamd we (33 gezek) tesbih, aýtsa bu dilde ýüz gezek mizanda bolsa müňdir.

Ol aýdan : “Men Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň sag eli bilen edenini gördüm (ýagny sag eliniň barmaklary bilen tesbih sanar eken.)

Olar aýdanlar; “Ýa Resulalla eger olar ýeňil bolsalar, nähili olary edýänler az bolýar?.

Ol diýen: “Sizden biri ýatjak bolup durka şeýtan gelip, şu sözleri aýtmazdan ukladýar we namazdaka şeýtan gelip şuny aýtmazdan öň, oňa bir hajatyny ýatladýar”.

94. Ukba bin Amr razyallahu anhu aýdan: “Her namazdan soň Resulalla sallalahu aleýhi we sellem maňa «Al - Muawwizat» süreleri ýagny Falak we Nas süreleri okamaklygy emr eden.

95. Muaz bin Jebelden razyallahu anhu Resualalla onuň elinden alyp: “Eý Muaz Alladan ant içýärin, men seni söýýärin, namazyň yzyndan: “Eý Alla, Saňa zikr, şükür we ýagşy ybadat etmage maňa ýardam ber diýmegi unutma” diýýär.

**وعن معاذ بن جبل : أن رسول الله صلى الله عليه وسلم أخذ بيده وقال”: يا معاذ إني والله لأحبك فلا تدعن في دبر كل صلاة أن تقول”: اللهم أعني على ذكرك وشكرك وحسن عبادتك**

## Istihara (maslahat) dogasy

96. Resualla bize kuran öwredişi ýaly ähli işlerde istihara dogasyny öwredýärdi, eger bir adam bir işi ýüregine düwse, goý ol parz namazlardan gaýra iki rekagat namaz okap şeýle diýsin:

“Eý Alla men Seniň ylmyň we gudratyň bilen kömek soraýaryn we Seniň fazlyňdan dileýärin çünki Sen kadyrsyň, men bolsam kadyr däldirin, Sen bilýänsiň men bolsa, bilýän däldirin, çünki Sen gaýyby bilijisiň. Eý Alla eger şu iş (adyny aýdýaň) iru-giç meniň dinime, dunýäme we ahyrýetime haýrly bolsa, ony maňa ber we meniň üçin ýeňilleşdir soňra bolsa onda

maňa bereket ber, ýöne şu iş meniň dinime we dunýäme we ahyrýetime zyýanly bolsa, onda ony menden daşlaşdyr we nirede-de bolsa haýr işi ýeňilleşdir we onuň bilen meni razy et.

**Allahumma inni estahyruke biylmike we estakdiruke bikudretuke we es-eluke min fazlikel-azym fe inneke takdiru we la akdir we taglamu we la aglam we ente allamul guýuub, Allahumma in kunte taglamu enne hazel emro- hoýron li fi dini we ma`aşi we akybeti emri we ajilihi we ejilihi fakdirhu li we ýessirhu li summa barik li fih,we inkunte taglamu enne hazel emro şerrun li fi dini we ma`aşi we akybeti emri we ažili we ejilihi fasrifhu anni wesrifni anhu wekdir mel hoýro haýsu kane summa roddini bih.**

**"اللهم إني أستخيرك بعلمك وأستقدرك بقدرتك وأسألك من فضلك العظيم فإنك تقدر ولا أقدر وتعلم ولا أعلم وأنت علام الغيوب اللهم إن كنت تعلم أن هذا الأمر وتسميه باسمه خير لي في ديني ومعاشي وعاقبة أمري وعاجله وآجله فاقدره لي ويسره لي ثم بارك لي فيه وإن كنت تعلم أن هذا الأمر شر لي في ديني ومعاشي وعاقبة أمري وعاجله وآجله فاصرفه عني واصرفني عنه واقدر لي الخير حيث كان ثم رضني به "**

## Gaýgy - gamda aýdylýan zikirler

97. Resulalla gam gussada şeýle diýýärdi: “Alladan başga hudaý ýokdur, Ol Azymdyr, Halymdyr, Alladan başga hudaý ýokdur, Ol Beýik Arşyň Robbidir, Alladan başga hudaý ýokdur, Ol asmanlaryň we ýeriň Robbidir, Ol Kerim Arşyň Robbidir.

**Lä ilähä illallahul-Azymul-Halym, Lä ilähäillahu Robbul-arşil-Azym, Lä ilähäillallahu Robbus-samawati we robbul ardy we robbul arşyl-kerim.**

“لا إله إلا الله العظيم الحليم لا إله إلا الله رب العرش العظيم لا إله إلا الله رب السموات ورب الأرض ورب العرش الكريم "

98. Eger Resulalla sallalahu aleýhi we sellemi bir iş gaýgylandyrsa ol: Eý Baky diri we Eý Kaýýum, Seniň rahmediňden kömek soraýaryn – diýýärdi.

**Ýa,  Haýýu, ýaKaýýuum birahmetike estagysu.**

" يا حي يا قيوم برحمتك أستغيث"

99. Ebu Bekre razyallahu anhu Resualalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: Gaýgylananda aýdylýan doga: Eý Alla, Seniň rahmediňe umyt edýärin, meni  göz açyp-ýumasy salym  hem   nefsim bilen ýeke goýma we hemme işlerimi  Özüň düzet, çünki Senden başga hudaý ýokdyr.

**Allahumma rehmetike erju fela tekilniý ila nefsiý torfata aýn we aslyh liý şa` niý kүllahu la illaha illa ente.**

اللهم رحمتك أرجو فلا تكلني إلى نفسي طرفة عين وأصلح لي شأني كله لا إله إلا أنت

100. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem  Esma binti Umeýsa: “Men saňa gamgynlyga uçranyňda aýtmaly sözleri  öwredeýinmi, diýýär: «Alla, Alla meniň Robbimdir, men Oňa hiç-hili şirk ýetirmeýärin»

**Alla, Allahu Robbiý we la uşriku bihi şeýn.**

الله الله ربي لا أشرك به شيئا " وفي الرواية أنها تقال سبع مرات .

101. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: Zennun (ýagny Ýunus aleýhi salam) balygyň garnyndaka şeýle diýen: Senden başga hudaý ýokdur, sen päksiň elbetde men zalymlardan bolandyryn” diýen. “Eger bir musulman bu dogany etse Alla kabul eder”.

102. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Eger bir mömin gaýgy batsa, ýa-da gama uçrap: “Eý Alla men Seniň bendäňdirin we Seniň bendäň perzendidirin we Seniň gyrnagyň perzendidirin, meniň alyn saçym Seniň eliňdedir, Seniň hökmüň mende ýöreýändir, Seniň takdyryň adyldyr, men Senden özüňi atlandyran ýa-da kitaplaryňda indiren ýa-da bendeleriň birine öwreden ýa-da öz ýanyňda gaýypda gizläp goýan atlaryň bilen soraýaryn: Kurany kalbymyň bahary, gursagymyň nury edip, gamym göterlip, gaýgymyň gitmegini soraýaryn-diýse, Alla onuň gaýgy - gamyny ýok edip ýerine şatlyk berer.

**Allahumma inniý abduke ibni abduke ibni emetuk nasyýeti biýedik mazyn fiýe hukmuk adlun fiýe kazauk eseluke bikullismin huwe lek semmeýte bihi nefsek öw enzeltehu fi kitabik öw allamtahu ahadan min halkik öw iste serte bihi yndeke fi ylmyl goýbi en taj`alal Kur`ana robia kolbi we nura sodriý we jela-a huzniý we zehabe hemmi.**

**اللهم إني عبدك وابن عبدك وابن أمتك ناصيتي بيدك ماض في حكمك عدل في قضاؤك أسألك بكل اسم هو لك سميت به نفسك أو أنزلته في كتابك أو علمته أحدا من خلقك أو استأثرت به في علم الغيب عندك أن تجعل القرآن ربيع قلبي ونور صدري وجلاء حزني وذهاب همي إلا أذهب الله همه وحزنه وأبدله مكانه فرجا "**

## Duşmana ýa-da zalym patyşa duşulanda aýdylýan zikirler.

103. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bir kowumdan (adamlardan) gorksa  şeýle diýerdi: «Eý Alla biz olary saňa tabşyrýarys, olaryň şerinden senden pena soraýarys».

**Allhumma innä najaluke fi nuhurihim we nauzu bike min şururihim.**

عن أبي موسى الأشعري رضي الله عنه أن النبي صلى الله عليه وسلم كان إذا خاف قوما قال " : اللهم إنا نجعلك في نحورهم ونعوذ بك من شرورهم"

104. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem duşmana duşanda: “Eý Alla Sen meniň daýanjymsyň, we Sen maňa ýeňiş berýänsiň, Sen bilen hereket edýärin, Seniň kömegiň bilen topulýaryn we Seniň kömegiň bilen söweşýärin.

**Allhumma ente azudy we ente nasyry bike ahul we bike asul we bike ukatil.**

ويذكر عن النبي صلى الله عليه وسلم أنه كان يقول عند لقاء العدو " : اللهم أنت عضدي وأنت نصيري بك أحول وبك أصول وبك أقاتل"

105. Abdylla bin Abbas razyallahu anhumä aýdýar: “Alla bize ýeterlikdir Ol wekilleriň gowysydyr 173 : آل عمران ( حسبنا الله ونعم الوكيل ) diýen sözi Ybraýym aleýhi salam oda atylanda aýtdy Muhammet sallalahu aleýhi we sellem bolsa - Adamlar siziň garşyňyza jemlendilerإن الناس قد جمعوا 173 : آل عمران ( لكم) diýlende aýtdy.

## Adam perzendine päsgel berýän şeýtan barada bap.

107. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Eger azan aýdylsa şeýtan yzyndan ýel göýberen halynda gaçyp gider, azan gutarandan soň bolsa yzyna gaýdyp geler, eger kamat aýdylsa ýene-de gaçyp gider kamat gutarandan soň, ol ýene gaýdyp geler”.

108. Suheýl bin ebi Salyh aýdan: “Kakam meni beni Harys diýen taýpa iberdi, meniň ýanymda bir ýigit (ýoldaş) bardy, ony bir nätanyş ses haýatyň aňyrsyndan adyny tutup çagyrdy, ol baryp seretse hiç kimi tapmaýar, şonda men şu wakany kakamyň ýanynda ýatladym, şonda ol: Eger seniň bilen şunuň ýaly zadyň boljagyny bilen bolsam, seni ibermezdim, eger şeýle ses ýene-de eşidäýseň azan aýtgyn, çünki men Ebu Hureýradan

eşitdim, ol Resulalla sallalahu aleýhi we sellemden şeýle hadys aýdan: «Eger azan aýdylsa  şeýtan gaçyp gidýändir.

109. Abu Ad-Darda razyallhu anhu aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bir gezek namaza duranda: “Alladan seniň garşyňa pena soraýaryn” diýenini eşitdik, soňra bolsa: Allanyň lagnaty bilen seni lagnatlaýaryn diýip üç gezek aýdýar, soňra bolsa bir zat aljak ýaly elini uzadýar. Namazy gutarandan soň biz oňa: Ýa resulalla namazdakaň bir zatlary aýdanyňy eşitdik, biz öň ol aýdýanlaryňy eşiden däldiris, we eliňi uzadanyňy gördik – diýdik, Ol: Allanyň duşmany iblis ýüzümde goýmak üçin ot getirdi, şonda men üç gezek: Alladan seniň garşyňa pena soraýaryn- diýdim, soňra: Allanyň tamam lagnaty bilen seni lagnatlaýaryn - diýip üç gezek aýtdym, şonda-da ol gaýtmady, men ony tutjak boldum, Alladan ant içýärin, eger doganymyz Süleýmanyň dogasy bolmadyk bolsa, ol daňylgy halynda bolup, ony Medinäniň çagalary oýnardylar” diýýär.

110. Osman bin al–As aýdýar: “Ýa Resulalla şeýtan meniň namazymyň we kyraatymyň arasyna girýär- diýdim, şonda ol: Ol Hanzap atly şeýtandyr, eger şeýle zady duýsaň Alladan pena sora we çep tarapyňa üç gezek çüfle” diýdi. Men onuň aýdyşy ýaly edenimden soňra, Alla ol ony menden dep (şeýtany) etdi.

111. Abu Zumeýl aýdan: “Men ibn Abbasa (Alla ondan razy bolsun): Men öz nefsimde bir zady duýýaryn (ýagny bir hili şek)- diýdim, şonda ol: “Eger sen şeýle zady duýsaň, onda:”Ol Alla Owwaldyr we Ahyrkydyr, Ol Zahyrdyr we Batyndyr, diý”- diýdi.

**Huwel öwwel wel Ahyr wez-Zohir wel-Batyn we huwe bikulli şeýin alym.**

**وقال أبو زميل : قلت لابن عباس رضي الله عنهما: ما شيء أجده في نفسي يعني شيئا من شك ؟ فقال لي ”: إذا وجدت في نفسك شيئا فقل : هو الأول والآخر والظاهر والباطن وهو بكل شيء عليم"**

## Takdyra boýun bolmaklyk.

112. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Güýçli mü’min ejiz mü’minden Alla has ýaramlydyr, ýöne olaryň ikisinde-de haýr bardyr, saňa peýda berjek zada ymtyl, Allany ýardamçy tutun, özüň hem ejizleme, eger bir zada uçraýsaň «eger şeýle eden bolsam, beýle bolardy» diýme, megerem «Alla takdyr edip islan zadyny etdi» diýgin, çünki «egerde» (ýagny plan zat eden bolsam, plan zat bolardy) diýmeklik şeýtanyň amalynyň gapysyny açýandyr.

## Ynsana inýän nygmatlar barada

113. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem şatlandyrýan bir zady görende: «Nygmatlary bilen salyh amallar tamam bolýan, Allaha hamd bolsun»- diýerdi. Eger halamaýan zadyny görende: «Her bir ýagdaýda-da Allaha hamd bolsun» – diýerdi.

**Alhamdulillahillezi binigmatihi tetilamusalihat.**

**الحمد لله الذي بنعمته تتم**

**Alhamdulillahi ala kuli hal. :**

**الحمد لله على كل حال "**

## Mü’min bendä ýolugýan uly ýa-da kiçi musybatlar barada

114. Ummu Salama razyallahu anhä aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýtdy: “Eger bir musulman haýsyda bolsa bir musybata uçranda: Biz Alanyň gullarydyrys we biz oňa dolanarys, Eý Alla meniň şu

musybatymda maňa sogap ber, we maňa ondan hem haýrlysyny öwez edip ber” diýse, Alla oňa sogap berer we has haýyrlysyny öwez edip berer.

Ummu Salama razyallahu anhä aýdan: “Haçanda Ebu Salama (onuň adamsy ) ölende men Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň emr edişi ýaly aýtdym, şonda Alla maňa ondan hem haýrlysyny ýagny, Resulalla sallalahu aleýhi we sellemi berdi.

**Inna lillahi we inna ileýhi rojiun, Allahumma ejirni fi musybaty wehlufliý haýron minha.**

**إنا لله وإنا إليه راجعون, اللهم أجرني في مصيبتي وأخلف لي خيرا منها**

115. Ummu Salama razyallahu anhä aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem Ebu Salama ölenden soňra ýanyna girýar, onuň gözi açykdy, ol onuň gözüni ýumdurandan soň: “Eger jan alynsa, göz onuň (janyň) yzyndan garap galar- diýýär, şonda adamlar gygyryşýarlar, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem : “öz- özüňize haýyrly dogadan başga doga etmäň, çünki perişdeler aýdan zadyňyza «ämin» diýýärler” diýenden soňra bolsa: «Eý Alla Ebu Salamaniň günäsini geç, we dogry ýoldaky adamlar bilen onuň derejesini beýgelt, Özüň onuň yzynda galanlara hossar bol, biziň we onuň günälermizi geç, eý, Robbel alemin, onuň gabryny giňelt we içini nurlandyr» - diýýär.

## Bergi ( barada)

116. Ali bin Ebi Talib razyallahu anhynyň ýanyna gulçylykdan azat bolmaklygy isleýän gul gelip: «Bergimi bermekden ejiz gelýärin, maňa kömek et» diýen, şonda ol: “Men saňa şeýle bir sözleri öwredeýin, olary maňa Resulalla sallalahu aleýhi we sellem öwredendir, eger seniň dag ýaly bergiň bolsada, Alla ony üzüp berer diýýär. «Eý Alla haramdan daşda bolup

halal zadyň bilen kanagat ber, öz fazlyň bilen özüňden gaýra mätäç etdirme.»

**Allahummakfini bihalike an haramike we agnini bifazlike amman siwake.**

" اللهم اكفني بحلالك عن حرامك وأغنني بفضلك عمن سواك

117. Abi Sayd al-Hudri razyallahu anhu aýdýar: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem sahabalaryndan bir-näçesi ýola çykýarlar we arap taýpalaryň biriniň ýanynda düşleýärler, myhman boljak bolýarlar welin olary hiç kim myhman almaýar, şol wagtda obanyň baştutanyny içýan çakýar olar ellerinde bar bolan zady edýärler, ýöne hiç-zat peýda etmeýär şonda olaryň biri: “Şol gelenlerden sorap göreliň belki bilýän zatlary bardyr” diýýär. Obanyň adamlary sahabalaryň ýanyna gelip: “Adamlar biziň ýolbaşçymyzy içýan çakdy elimizde bar bolan zady etdik, ýöne haýry bolmady sizde nepi degjek zat barmy” diýip, soranlarynda olaryň biri: “Alladan ant içýärin men Kuran okaýaryn, ýöne biz sizde myhman boljakdyk welin siz bizi myhman almadyňyz, şonuň üçin maňa bir zat berýänçaňiz hiç zat okajak däl” diýýär. Olar öz aralarynda bir-näçe goýuna şertleşýärler ýaňky adam baryp (Alhamy) okanda düwünden çözilen ýaly hiç-hili keselsiz ýerinden turýar gürleşilen maly alyp gaýdýarkalar biri: “Paýlaşalyň” diýýär doga okan bolsa : “Hiç zat etmäň Resulallanyň ýanyna baralyň-da bolan wakany ýatlalyň we diýeni bilen bolalyň” diýýär. Resulallnyň ýanyna gelip bolan wakany ýatlaýarlar şonda ol: “Alhamyň rukýadygyny nähili bildiň?’ diýýär soňra Resulalla:”size bir zat berildimi paýlaşyň we maňada bir paý beriň” diýip, ýylgyrýar.

118. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem Hasan we Huseýne şeýle tagwyz (ýagny Alladan pena) soraýardy:”Men siziň ikiňizi hem her bir, şeýtandan, zaherli zatlardan (möý, içýan we ş.m.) we ýaramaz gözden

Allanyň kämil sözlerinden pena soraýaryn. Siziň atañyz Ibrahim öz ogullary Ismaýyla we Ishaka şeýle dilegleri okaýardy - diýýärdi.

**Ayzukuma bikelimatillahittamma min külli şeýtanin we hamme we min külli aýnin lamme**

" أعيذكما بكلمات الله التامة من كل شيطان وهامة ومن كل عن لامة

119. Aişa razyallahu anhä aýdan: “Eger Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ýanynda bir adam kesellese ýa-da ýarasy bar bolan bolsa, onda ol şeýle edýärdi. Sufýan bin Uýeýýna suýem barmagyny ýere goýup galdyrdy-da, soňra: Allanyň ady bilen ýerimiziň topragy, birimiziň tuýkiligi bilen, Robbimiziň izni bilen syrkawymyz keselden açylar.

**Bisimilla turbatu ardina, biriýkaty bagzyna,ýuşfa sakymuna biizni robbina.**

"بسم الله تربة أرضنا بريقة بعضنا يشفى سقيمنا بإذن ربنا"

120. Aişa razyallahu anhä aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem maşgalasyndan biri kesellese, şeýle doga edýärdi: “Sag eli bilen sypaýarda: «Eý Alla, Sen adamlaryň Robbisi, belany, derdi aýyryp, keseli ýok edýäň şypa ber, çunki diňe Sen şypa berýänsiň, Senin şypaňdan başga şypa ýokdur.»

**Allahumma Robbinnas, ezhibil ba`e weşfi ente-Şafi La şifa-a illa şifauk şifa-an la ýugodiru sakaman**

اللهم رب الناس أذهب البأس واشف أنت الشافي لا شفاء إلا شفاؤك شفاء لا يغادر سقما"

121. Osman bin Ebil-As Islamy kabul edeni bäri bedeninde agyryny duýýandygy barada Resulalla sallalahu aleýhi we selleme arz edýär, şonda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem oňa: “elini bedeniň agyrýan ýerinde goýda, üç gezek Bismilla diý, soňra bolsa ýedi gezek «öz bedenimde duýýan

we häzir edýän (ägä bolýan) zatlaryň şerinden, Allanyň yzzatyndan we gudratyndan men pena soraýaryn» diý” –diýdi.

**Bismilla Auzu biyzzatillahi we kudratihi min şerri ma ejidu we uhaziru.**

**وقل : بسم الله ( ثلاثا ) وقل سبع مرات : أعوذ بعزة الله وقدرته من شر ما أجد وأحاذر "**

122. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Kim ajaly ýetmedik syrkawyň ýanyna gelip, ýedi gezek: «Beýik Alladan, Beýik arşyň Robbisinden, seniň gutulmagyňy dileýärin» - diýse Alla oňa şypa berer.

**Es- elulallahal-Azym Robel-arşel-Azym en ýeşfi ýek.**

**أسأل الله العظيم رب العرش العظيم أن يشفيك**

## Gonamçylyga girilende aýdylýan zikirler

123. Sahabalar gonamçylyga çykanlarynda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem olara şeýle aýtmagy öwredýärdi: “Mü’minlerden we musulmanlardan bolan ýurt eýelerine «As-Salamu Aleýkum», elbetde biz hem siziň yzyňyzdan bararys, bize we size Alladan salamatlyk dileýäris”.

**As –Slamu aleýkum ehled-diýeri minel mu`minin- wel muslimin we inna inşa Allahu bikum lahikun neselullaha lana we lakul-afiýe.**

**" السلام عليكم أهل الديار من المؤمنين والمسلمين وإنا إن شاء الله بكم لا حقون نسأل الله لنا ولكم العافية "**

## Ýagyş talap etmek barasynda

124. Jabir bin Abdylla razyallahu anhumä aýdýar: adamlar Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ýanyna gelenlerinde ol: “Eý Alla bize halas

etjek, ýakymaly, gök-ot ýetişdirjek peýdaly zyýansyz gijikdirmezden çalt ýagyş ber” diýende ýagyş olaryň üstünden guýyp başlaýar.

125. Aýşa razyallahu anhä aýdýar: “Adamlar Resulallanyň ýanyna gelip gurakçylykdan arz edýärler, şonda ol minber getirlmegi buýurýar we minber metjitde goýlandan soň belli bir güni wadalaşýarlar we Resulalla gün dogup başlanda çykýar-da minberde oturýar tekbir we hamdy-sena aýdyp şeýle diýýär:

“Siz öz diýaryňyzyň guraklygyny ýagşyň ýagmaýanlygyny arz etdiňiz ‚siziň Rebbiňiz size doga etmekligi buýurdy we jogap berjekligini wada berdi.” diýýär.

**Alhamdulillähi robbil alemin Ar-rahman ar-rahym mäliki ýew-widdin lä ilähä illalla islän zadyny edýär eýAllam, Senden başga hudaý ýokdur Sen baý biz garypdyrys üstümizden ýagmyr ýagdyr we indiren zadyňy bize ýardamçy et”.**

Goltugynyň agy görünýäça elini galdyrdy, adamlara tarap arkasyny öwürdi eli bolsa göterilgidi soňra adamlar bilen iki rekagat okady, şonda Alla asmanda bulut bar edýär Allanyň izni bilen ýyldyrym çakyp gök gürleýär we ýagyş ýagýar mesjide ýetmäkä sil gelýär, adamlaryň öýlerine howluklýanlaryny görende resulalla: “Şaýatlyk edýärin Alla ähli zadyň üstünden kadyrdyr we men Allnyň bendesi we gulydyryn” diýýär.

## Ýel bolanda aýdylýan zikirler

126. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Ýeli Alla iberýändir, ol käwagtlar  rehmet bilen gelýär, käwagtlar bolsa azap bilen gelýändir, eger ýel öwüsse, oňa sögmäň, Alladan onuň haýryny diläň, we onuň şerinden Alladan pena soraň.

127. Eger ýel tursa, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem : “Eý Alla men Senden onuň haýryny we ondaky haýryny dileýärin, onuň şerinden we ondaky şerden hem Senden pena soraýaryn”-diýýärdi.

Allahuma inni es-eluke haýraha we hoýra ma fiýha we hoýra ma ursilet bihi we auzu bike min şerriha we şerri ma fiýha we ma ursihet bihi.

" اللهم إني أسألك خيرها وخير ما فيها وخير ما أرسلت به وأعوذ بك من شرها وشر ما فيها وشر ما أرسلت به"

128. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem asmanda bulut görse, doga edip duran bolsada, hemme zadyny taşlap: «Eý Alla onuň şerinden Senden pena soraýaryn» -diýerdi, Eger ýagmyr ýagsa: «Eý Alla peýdaly ýagyş bolsun» diýýardi.

**Allahumma inni auzu bike min şerriha. اللهم إني أعوذ بك من شرها**

**Allahumma soýýiban nafigan. اللهم صيبا هنيئا**

## Ýyldyrym çakyp ýagyş ýaganda aýdylýan zikirler

129. Abdylla bin Zubeýr razyallahu anhumä ýyldyrym çakyp gök gürlänini eşitse sözläp oturan sözüni taşlap “Ýyldyrymyň we perişdeleriň gorkysysndan päkläp-hamdy aýdylýan (Alla) päkdir” diýýär.

130. Zeýd bin Halid Al-juhani razyallahu anhu aýdýar: “Ýagyş ýagandan soň Resulalla sallalahu aleýhi we sellem biz bilen ertir namazyny Hudaýbiýe diýen ýerde okady, haçanda namaz okap bolandan soň adamlara ýüzüni öwrüp: «Bilýäňizmi Robbiňiz näme diýdi» - diýýär? (Sahabalar) aýtdylar: Alla we Onuň Resuly has gowy bilýändir,- onda ol: Robbiňiz aýtdy: “Meniň käbir bendelerim maňa mü’min, käbiri bolsa maňa kapyr boldy” - diýdi, kim ýagyş Allanyň fazly -rahmedi bilen indi diýse ol Maňa mü’mindir, ýyldyzlara kapyrdyr, eger kim «käbir ýyldyzlar sebäpli ýagyş ýagdy» diýen bolsa, ol ýyldyza mü’min bolup Maňa kapyrdyr.»

131. Enes razyallahu anhu: “Resulalla juma güni hutba aýdyp durka bir adam gelip: “Eý Resulalla mallar heläk boldy ýollar zaýalandy, bize Alladan dileg et” diýýär, şonda Resulalla ellerini galdyryp : “Eý Alla bize hemaýat et, bize hemaýat et” diýýär.

Enes aýdýar: “Alladan ant içýärin asmanda bulut-a däl bir bölek hiç zat ýokdy, biz bilen Silga dagynyň arasynda hiç zat ýokdy birden şol dagyň aňňyrsyndan bulut çykdy we asmanyň ortasyna ýetende ýaýrady we ýagyş ýagmaga durdy, Alladan ant içýärin bir hepde gün görmedik indiki hepdede Resulalla juma güni hutba aýdyp durka bir adam gelip: “Resulalla mallar heläk boldy ýollar zaýalandy, bize Alladan dileg et ýagşy saklasyn” diýýär şonda Resulalla ellerini galdyryp: “Eý Alla töweregmize üstümize däl, eý Alla baýyrlara ,daglara, derelere we ösümlikleriň ösýän ýerine” diýýär, şonda bulut ýitip gidýär we güne çykdyk.

## Täze dogan aý görülende aýdylýan zikirler.

132. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem täze dogan aýy görende: «Allahu Ekber, Eý Alla täze aýy biziň üstümizden amanlyk, iman, salamatlyk we islam hem-de razy boljak we halajak amallaryňa ugrukdyrmak bilen getir. Biziň we seniň Robbiň Alladyr” -diýýärdi

**Allahu Ekber, Allahumma ehilhu aleýna bil-emni wel-iman wes-salamati wel-islam wet-toufiki Lima tuhibbu we tarza, Robbuna we Robbuka Alla.**

**"الله أكبر اللهم أهله علينا بالأمن والإيمان والسلامة والإسلام والتوفيق لما تحب وترضى ربنا وربك الله"**

## Sapara çykylanda aýdylýan zikirler

133. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Kim sapara çykmaklygy isleýän bolsa, öýündäkilerine: «özüne tabşyrylan zatlary gorap saklaýan Allaga, sizi tabşyrýaryn» - diýsin.

**Estewdiukumulla ellezi la tazygu wedaiuguhu**

**أستودعكم الله الذي لا تضيع ودائع :**

134. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Eger bir zat Alla tabşyrylsa, Ol ony gorap saklar.»

135. Sälim aýdýar: Ibni Omar razyallhu anhu sapara çykyp barýan adama şeýle diýýärdi: «Gel bärik Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bizi ugradyşy ýaly men hem seni ugradaýyn»: «Seniň diniňi we amanat zatlaryňy, amallaryň (işleriň) soňlary gowy bolup gutarmagyny Alla tabşyrýaryn.»

Başga bir rowaýatda: Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bir adam bilen hoşlaşsa, onun elini tutýardy we şol adamyň özi ilkinji bolup elini göýberäýmese, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem onuň elini göýbermeýärdi, soňra ýokardaky dilegi aýdýardy.

**Estewdiukalla dineka we amanatike we howatime amalik.**

**"أستودع الله دينك وأمانتك وخواتيم عملك**

136. Bir Adam Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ýanyna gelip: “Ýa Resulalla, men sapara barýaryn maňa doga et-diýýär, şonda ol: «Alla saňa takwalyk bersin diýýär. Ol adam ýene-de dileg aýt” diýýär. Ol: «Seniň günäleriňi geçsin» - diýýär. Ol adam: ýene-de aýt diýýär. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem : «Saňa haýyr işleri nirede bolsaň hem ýeňilleşdirsin» - diýýär.

وقال أنس بن مالك رضي الله عنه : جاء رجل إلى النبي صلى الله عليه وسلم فقال : يا رسول الله إني أريد سفرا زودني فقال ": زودك الله التقوى " . قال : زدني . قال " : وغفر ذنبك " . قال : زدني . قال " : ويسر لك الخير حيثما كنت. "

137. Ebu Hureýra aýdan: “Bir adam: Ýa Resulalla, men sapara barýaryn, maňa wesýet ber-diýýär, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem:” Alladan gork we belentlige çykylanda tekbir (ýagny Allahu Ekber) aýt - diýýär, haçanda ol adam gidende, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: «Eý Alla onuň  uzak ýoluny gysgalt we saparyny ýeňilleşdir» - diýdi.

## Ulaga münülende aýdylýan zikirler.

138. Ali bin Rabiga aýdýar: Men Alynyň ýanyna münmek üçin ulag getirlenini gördüm, haçanda ol aýagyny goýanda bismilla diýýär, üstüne çykanda bolsa Alhamdulillah diýýär we

**–Subhanellezi sahara lana haza wema kynna lahu Mukrynin we Inna ila Robina lemunkalibun.**

سبحان الذي سخر لنا هذا وما كنا له مقرنين وإنا إلى ربنا لمنقلبون

Soňra Alhamdulillah (3) Allahu Ekber (3)

**Subhanekellahumma inni zolamtu nefsi fagfirli feinnehu la ýegfiruz-zunuba illa ente.**

سبحانك اللهم إني ظلمت نفسي فاغفر لي فإنه لا يغفر الذنوب إلا أنت

Diýip ýylgyrýar şonda men: “Eý möminleriň emiri näme üçin ýylgyrdyň diýdim ol: “Meniň edişim ýaly resulallda edip ýylgyrdy şonda men : “eý resulalla näme üçin ýylgyrdyň diýenimde ol: “Elbetde,bende “Eý

Rebbim Özüň ýalka” diýende, seniň Rebbiň geň görýändir çünki Menden başga ýalkaýan ýokdur.

139. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem sapara çykanda düýäniň üstüne münüp üç gezek tekbir aýdyp şeýle diýerdi:

**Subhanellezi sahara lana haza we ma künna lahu mukrynin we inna ila robbina lemunkalibun**

سبحان الذي سخر لنا هذا وما كنا له مقرنين وإنا إلى ربنا لمنقلبون

**Allahumma inna neseluke fi seferina haza, wetwi anna bugdahu entes-sahibu Fis-sefer, wel-halifatu fil-ahl, Allahumma inni auzu bike minel wagsaiýe-safar kea-abetiýe manzar we suul munkalabfil-mali wel ahl.**

اللهم إنا نسألك في سفرنا هذا البر والتقوى ومن العمل ما ترضى اللهم هون علينا سفرنا هذا واطو عنا بعده أنت الصاحب في السفر والخليفة في الأهل اللهم إني أعوذ بك من وعثاء السفر وكآبة المنظر وسوء المنقلب في المال والأهل"

**Anbuna, tanbuna,abiduna, miribbina hamidun.**

آيبون تائبون عابدون لربنا حامدون"

140.Başga bir rowaýatda: Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň sahabalary depä çykanlarynda tekbir(Allahu Ekber) aýdýardylar depeden aşak inenlerinde bolsa tesbih (Subhanallah) aýdýardylar.

## Bir ýerde düşlenilende aýdylýan zikirler.

141. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bir oba girjek bolanda şu dogany aýdardy: “Eý, Allam Sen, ýedi gat asmanyň we ähli göterlen zadyň rebbi, ýedi gat ýeriň we ähli beýgelen zadyň rebbi, şeýtanlaryň we ähli azan zadyň rebbi, ýeliň we ahli ýaýran zadyň rebbi, men Senden şu obanyň we

onuň halkynyň haýryny soraýaryn we obanyň we halkynyň şerinden pena soraýaryn”.

**اللهم رب السموات السبع وما أظللن ورب الأرضين السبع وما أقللن ورب الشياطين وما أضللن ورب الرياح وما ذرين أسألك خير هذه القرية وخير أهلها وخير ما فيها وأعوذ بك من شرها وشر أهلها وشر ما فيها"**

142. Kim bir ýerde düşläp, Allanyň ýaradan zatlarynyň şerinden Allanyň tamam (kämil) sözlerinden pena soraýaryn” diýse, şol ýerden gidýänça oňa hiç zat zyýan bermez.

**Auzu bikelimatillait- tammati min şerri ma halak.**

**أعوذ بكلمات الله التامات من شر ما خلق**

## Tagam iýlende we suw içilende aýdylýan zikirler.

143. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Oglum, Bismilla - diý, sag eliň bilen iý we öz öňüňden iý.»

144. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Eger biriňiz nahar iýseňiz, goý ol naharyň başynda Allanyň adyny ýatlasyn, egerde naharyň başynda Allanyň adyny ýatlamagy unudan bolsa goý « owwalynda we ahyrynda Bismilla» diýsin.

145. Ebu Hureýra razyallahu anhu aýdan: Resulalla sallalahu aleýhi we sellem hiç haçan nahara at dakan däldir, eger islese iýerdi, eger islemese goýardy.

146. Wahşy aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň sahabalary aýdanlar: “Eý Resulalla, biz iýýäris ýöne doýmaýarys? Ol: Siz biri-biriňizden aýratynlykda iýýäňizmi?- diýýär. Olar: “Hawa” diýişýärler. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem olara: “Siz üýşüp iýiň we Allanyň adyny ýatlaň size bereket beriler” - diýýär.

147. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Alla öz bendesinden razydyr, eger ol bende iýmit iýip «Alhamdulillah» diýse, ýa-da bir owurt suw içip we «Alhamdulillah» diýse.

148. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Kim tagam iýip: biziň guýç- kuwwatymyz sebäp bolmazdan şu iýmitini we şu ryzky beren Allaga hamd bolsun, diýse » onuň geçen öňki günaleri bagyşlanar.

**Alhamdulillahillezi atgamani haza we razakanihi min goýri hawlin mini we la kuwwa.**

الحمد لله الذي أطعمني هذا ورزقنيه من غير حول مني ولا قوة :

149. Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň hyzmatkärlerinň biri aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem tagam berlende, ol «Bismilla» diýerdi, gutaranda bolsa «Eý Alla Sen tagam berdiň we suwsuzlykdan gandyrdyň, baýlyk berdiň razy etdiň hem-de dogry ýola gönükdirdiň we direltdiň, ähli beren zadyň üçin saňa hamd bolsun.»

وعن رجل خدم النبي صلى الله عليه وسلم : أنه كان يسمع النبي صلى الله عليه وسلم إذا قرب إليه طعاما يقول ”:بسم الله "وإذا فرغ من طعامه قال”:اللهم أطعمت وأسقيت وأغنيت وأقنيت وهديت وأحييت فلك الحمد على ما أعطيت"

150. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem töwir galdyranda şeýle diýerdi: “Alla soňsyz çäksiz köp päk mübärek hamdy bolsun, çünki Rebbimize mätäçdiris.

الحمد لله كثيرا طيبا مباركا فيه غير مكفي ولا مودع ولا مستغنى عنه ربنا"

## Myhman bolup baranyňda etmeli dilegler.

151. Abdulla bin Busr aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem kakamyň ýanyna myhmançylyga geldi, biz oňa tagam hödürledik, ol iýdi, soňra bolsa hurma getirildi, ol ondan iýip şänigini bolsa suýem we orta barmagynyň arasynda goýdy-da getirilen suwdan içdi, soňra bolsa sagynda oturana uzatdy. Soň kakam Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ulagynyň jylawyndan tutdy-da: “Bize doga edip ber” diýdi. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: “Eý Alla, şulary ryzklandyran zadyňa bereket ber, olaryň günälerini geç we olara rehim et» - diýdi.

اللهم بارك لهم فيما رزقتهم واغفر لهم وارحمهم"

152. Enes razyallahu anhu aýdan: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem Sa ad bin Ubadanyň ýanyna gelýär, ol bolsa çörek we ýag getirýär, ondan iýenden soň Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: «Sizde agyz bekleýänler agyzlaryny açsynlar, iýmitiňizi takwalar iýsin we perişdeler hem size haýr doga etsinler» diýýär.

وعن أنس رضي الله عنه أن النبي صلى الله عليه وسلم جاء إلى سعد بن عبادة رضي الله عنه فجاء بخبز وزيت فأكل ثم قال النبي صلى الله عليه وسلم”:أفطر عندكم الصائمون وأكل طعامكم الأبرار وصلت عليكم الملائكة"

## Salam barada

153. Abdulla bin Amr razyallahu anhu aýdan: “Bir adam Resulalla sallalahu aleýhi we sellemden yslamda haýsy amal, amallaryň iň haýrlysy” diýip soraýar, şonda ol: “Tagam bermeklik we tanaýanyňa, we tanamaýanyňa salam bermeklik» diýýär.

154. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Iman getirýänçäňiz jennete girmersiňiz, we biri-biriňizi gowy görýänçäňiz, imanly bolup

bilmersiňiz, sizi bir amala ýollaýynmy? eger şony edäýseňiz biri-biriňizi gowy görersiňiz, araňyzda salamy ýaýradyň» - diýýär.

155. Ammar bin Ýasir aýdan: “Kim üç sany zady özünde jemlese, ol özünde imany jemländir: «öz-özünden ynsaply bolmaklyk, hemme kişä salam bermeklik we garyplyga uçranyňda sadaka bermeklik.»

156. Ymran bin Huseýn aýdan: “Bar adam Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ýanyna gelip «Essalamu Aleýkum» diýýär, ol salamyny gaýtarýar, soňra ol adam oturýar, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem «on» diýýär, soňra başga biri gelýärde «Es Salamu aleýkum we rahmatulla» diýýär, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem salamy gaýtarýar ol adam oturýar, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem «ýigrimi» diýýär, soňra başga biri gelýär-de, «Es Salamu aleýkum we rahmatullahi we berekatuhu» diýýär Resulalla sallalahu aleýhi we sellem onuň salamyny gaýtarýar, ol oturýar, şonda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem «otuz» diýýär. (ýagny Resulalla sallalahu aleýhi we sellem olaryň salam bermekde gazanan sogaplarynyň sanyny aýdan).

157. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: “Salamy ilkinji aýdan adam Alla iň golaý adamdyr”.

158. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Eger jemagatyň içinden bir adam salam berse, olardan wajyplyk gaçýandyr (ýagny, ýeterlik bolar). Eger oturanlardan biri salamy gaýtarsa olardan hem wajyplyk aýrylýandyr.»

159. Enes razyallahu anha aýdan: «Resulalla sallalahu aleýhi we sellem oýnap ýören çagalaryň ýanlaryndan geçip barýarka, olara salam berýär.»

160. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Eger bir adam oturşyk ýerine gelse, we oturasy gelse salam bersin, soňra oturybersin, soňra turup gitse-de, salam bersin, birinji salam ikinjisinden has wajyp däldir».

## Asgyrlanda we pallanylanda aýdylýan zikirler.

161. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Elbetde Alla asgyrmaklygy söýýändir we pallamaklygy ýigrenýändir, eger biriňiz asgyryp «Alhamdullilah» (Allaha hamdy bolsun) diýse, her bir eşiden musulman bende «Ýerhamukalla» (Allah saňa rehmet etsin) diýmekleri hökmandyr, emma pallamak bolsa, ol şeýtandandyr, eger biriňiz pallasaňyz, pallamagy näçe dep edip bilse dep etsin, biriňiz pallasaňyz şeýtan onuň üstünden gülýändir.»

162. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Eger biriňiz asgyrsaňyz, goý ol «Alhamdullilah» diýsin, onuň dogany ýa-da ýoldaşy «Ýerhamukalla» diýsin, eger «Ýerhamukalla» diýse, ol asgyran «Ýehdikumullahu we ýuslihu balekum»

**يهديكم الله ويصلح بالكم** (Allah sizi dogry ýola gönükdirsin we päliňizi (niýetleriňizi) düzüw etsin) diýsin .

163. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Eger biriňiz asgyryp «Alhamdullilah» diýse, oňa «Ýerhamukalla» diýiň, eger «Alhamdullilah» diýmese, «Ýerhamukalla» diýmäň.»

## Nika barada zikirler.

164. Abdylla bin Mesgud razyallahu anhu aýdýar: “Resulalla sallahu aleýhi we sellem bize hajat hutbasyny öwreden ol şeýle aýdan:

**Alhamdulillah, nahmaduhu we nestaynuhu we nestagfiruhu we nauzu billahi min şururi enfusina we seýýiati aglamina men ýehdihillahi fela muzyllahah we min ýuzlyl fela hadiýe lahu we eşhedu ella ilaha illalla wahdahu la şerikalah we eşhedu enne muhammeden abduhu we resuluhu.**

**قال عبد الله بن مسعود رضي الله عنه": علمنا رسول الله صلى الله عليه وسلم خطبة الحاجة " : الحمد لله نحمده ونستعينه ونستغفره ونعوذ به من شرور أنفسنا وسيئات أعمالنا من يهده الله فلا مضل له ومن يضلل فلا هادي له وأشهد أن لا إله إلا الله وحده لا شريك له وأشهد أن محمدا عبده ورسوله."**

**وفي رواية زيادة : أرسله بالحق بشيرا ونذيرا بين يدي الساعة من يطع الله ورسوله فقد رشد ومن يعصهما فإنه لا يضر إلا نفسه ولا يضر الله شيئا".**

**( يا أيها الناس اتقوا ربكم الذي خلقكم من نفس واحدة وخلق منها زوجها وبث منهما رجالا كثيرا ونساء واتقوا الله الذي تساءلون به والأرحام إن الله كان عليكم رقيبا ) [ النساء : 1 ]**

**( يا أيها الذين آمنوا اتقوا الله حق تقاته ولا تموتن إلا وأنتم مسلمون )[ آل عمران;102 ]**

**( يا أيها الذين آمنوا اتقوا الله وقولوا قولا سديدا يصلح لكم أعمالكم ويغفر لكم ذنوبكم ومن يطع الله ورسوله فقد فاز فوزا عظيما ) "الأحزاب : 70 71"**

165. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bir öýlenen adamy gutlanda ol: «Alla saň bereket bersin, seniň üstüňden bereket indirsin we siziň araňyzy haýyrda jemlesin" diýýärdi.

**Barekellahu lake we barake alleýke we jemega beýnekuma hoýr**

**بارك الله لك وبارك عليك وجمع بينكما في خير**

166. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: "Eger biriňiz öýlenseňiz ýa- da gul satyn alsaňyz, goý ol: Eý Alla, men Senden onuň haýryny we ondaky haýry soraýaryn, hem-de men Senden onuň şerinden we ondaky şerden pena soraýaryn» - diýsin. Eger düýe satyn alsa, örküjiniň üstüne elini goýup, şony aýtsyn.

**Allahumma inni es-eluke hoýroha we hoýro ma jebelte aleýha we auzu bike min şerriha we şerri ma jebelte aleýhi**

**" اللهم إني أسألك خيرها وخير ما جبلتها عليه وأعوذ بك من شرها وشر ما جبلتها عليه.**

167. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: "Eger biriňiz öz maşgalasynyň ýanyna barasy gelse, «Bismilla, Eý Alla bizi şeýtandan

daşlaşdyr, şeýtany hem bizi ryzklandyrjak perzentden daşlaşdyr» diýse we olaryň arasynda perzent galsa, şeýtan oňa zyýan bermez.

**وقال ابن عباس رضي الله عنهما عن النبي صلى الله عليه وسلم":لو أن أحدكم إذا أتى أهله قال : بسم الله اللهم جنبنا الشيطان وجنب الشيطان ما رزقتنا فقضي بينهما ولد لم يضره شيطان أبدا"**

## Çaga doglanda aýdylýan zikirler.

168. Ebu Rafi razyallahu anhu aýdan: «Fatima Hasan bin Alyny dograndan soň men Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň onuň gulagyna azan aýdanyny gördüm» - diýýär.

169. Aýşa razyallahu anhä aýdan: «Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ýanyna (täze doglan) çagalary getirýärdiler, ol bolsa olara ýagşy doga edýärdi, we olaryň agyzlaryna hurmany ýumşadyp salýardy».

170. Amr bin Şu`aýbyň atasyndan, ol Resulalla sallalahu aleýhi we sellemden rowaýat eden, ýagny Resulalla sallalahu aleýhi we sellem: “Ýedilenji güni doglan çaga at dakmaklygy, ony päklemegi (ýagny saçyny syrmagy) we akyka etmekligi (ýagny, ogul bolsa 2 goýun gyz bolsa 1 goýun damak çalmagy) emr edýär.

171. Resulalla öz ogly Ybraýyma we Ybraýym bin Ebi Musa, Abdylla bin Ebi Talha we Munzir bin Ebi Useýde doglanlaryndan soň yz ýanyndan at goýdy.

172. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Allanyň iň söýýän atlary Abdullla we Abdurrahmandyr.»

173.Başga hadysda şeýle gelen: “Atlaryň has sadygy “Haris we Hummam” iň erbedi “Harb (Uruş) we Murra (Ajy)”.

174. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem erbet atlary üýtgederdi: Zeýnebiň ady Berredi we ol: öz-özüni päkleýän diýmekdi, oňa Zeýnep diýen ady dakýar, we Berraniň ýanyndan çykdym diýmekligi halamaýardy.»

Bir adama adyň näme? diýende ol: Hazan (gaýgy) diýýär, şonda ol: Seniň adyň Sehil (ýeňillik) diýýär.

Asyýe (günäkär) diýen ady Jemile diýen ada üýtgedýar, bir adamyň adyny soranda ol: Asram diýýär, ol: Sen Zurgasyň diýýär, bir ýeriň ady: Afra-ady (hapa) oňa hazira (ýaşyl öwüsýän) diýip at berýar.

## Horaz gygyranda we eşek aňňyranda aýdylýan zikirler.

175. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdýar: «Eger siz eşegiň aňňyranyny eşitseňiz, şeýtanyň şerinden Alladan pena soraň, çünki ol şeýtany görendir. Eger siz horazyň sesini eşitseňiz, onda Alladan Onuň fazl - rahmedini soraň çünki ol perişde görendir».

176. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdýar: «Eger siz gije itleriň üýrenini ýa-da eşekleriň aňňyranyny eşitseňiz Alladan pena soraň çünki olar siziň görmeýän zadyňyzy görýändirler.»

## Mejlislerde aýdylýan zikirler.

177. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan:«Kim bir mejlisde oturanda, köp gümür-samyr eden bolsa, ol turmazyndan öň: “Paksiň Sen Eý Alla, Saňa hamdy bolsun, Senden başga hudaýýň ýoklygyna şaýatlyk edýärin, meniň günämi geç we men saňa toba edýärin”- diýse, şol mejlisde bolan zadyň keffaraty (günäleriň ýuwulmagy) bolar.

**Subhanekallahumma we bihamdike eşhedu en la ilaha illa ente, estagfiruke we etubu ileýke.**

**سبحانك اللهم وبحمدك أشهد أن لا إله إلا أنت أستغفرك وأتوب إليك**

178. Başga bir rowaýatda: Eger şol mejlis haýrly bolan bolsa ,ol dileg onuň möhüri ( soňlamasy) bolar, eger ýagşy we ýaman garym-gatym bolan bolsa onda keffarat bolar.

179. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: "Haýsydyr bir taýpa Allanyň zikrini etmän bir mejlisden tursalar, olar eşegiň meýdiniň (maslygynyň) üstünden turan ýalydyrlar we olara hasrat bolar.

180. Ibni Omar aýdýar: "Resulalla sallalahu aleýhi we sellem köplenç öz sahabalaryna şu dogany aýdýança, mejlisden turmaýardy: «Eý Allam bize günälerden daşda durar ýaly gorky bereweri, jennetiňe ýetirjek tagat-ybadat etmegi miýesser edeweri, dünýä musybatlaryny ýeňip geçer ýaly güýçli iman bereweri, Eý Allam, eşitmegimiz (gulaklarymyz), gözlerimiz we kuwwatymyzy diri wagtymyzdy tä ölünçäk ulanmagymyzy nesip eýlaweri, bize zulum edenden, özüň arymyzy alaweri, bize duşmançylyk edene, özüň bize ýardam bereweri, biziň musybatymyzy dinimizde etmäweri, dünýani hem esasy uly aladamyz, ylmymyzyň özeni etmäweri, bize rehim etmejegi hem biziň üstümizde musallat etmäweri.»

**وعن ابن عمر رضي الله عنهما قال : قلما كان رسول الله صلى الله عليه وسلم يقوم من مجلس حتى يدعو بهؤلاء الدعوات لأصحابه ":اللهم اقسم لنا من خشيتك ما تحول به بيننا وبين معاصيك ومن طاعتك ما تبلغنا به جنتك ومن اليقين ما تهون به علينا مصائب الدنيا اللهم متعنا بأسماعنا وأبصارنا وقوتنا ما أحييتنا واجعله الوارث منا واجعل ثأرنا على من ظلمنا وانصرنا على من عادانا ولا تجعل مصيبتنا في ديننا ولا تجعل الدنيا أكبر همنا ولا مبلغ علمنا ولا تسلط علينا من لا يرحمنا"**

## Gazab hakynda.

181. Süleýman bin Surad aýdýar: Men Resulalla sallalahu aleýhi we sellem bilen otyrkam, iki sany adam sögüşýär, olaryň biriniň ýüzi gyzaryp, ýaňagy çişýär, şonda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem : «Elbetde men şeýle bir söz bilýärin, eger ol ony aýdaýsa, onuň gazaby gider, eger ol: “Men daşlanan şeýtanyň şerinden Alladan pena soraýaryn diýse, onuň gazaby gider.»

## Musybata uçran adamy göreniňde aýdylýan zikirler.

182. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdýar: «Kim musybata uçrany görende: Seni synap, meni aman galdyran we özüniň köp bendeleriniň üstünden beýge çykaran Allaga hamd bolsun»- diýse, şol musybat oňa ýokuşmaz.

**Alhamdulillahillezi afani mimmabtelake bihi we fazzalany ala kesrin mimma holoko tafzyla.**

**"الحمد لله الذي عافاني مما ابتلاك به وفضلني على كثير ممن خلق تفضيلا**

## Bazara girilende aýdylýan zikirler

183. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Kim bazara girende: Alladan başga hudaý ýokdyr, ol ýeke-täkdir onuň şärigi hem ýokdyr, ähli mülk onuňkydyr we oňa hamdy bolsun, ol direldýändir we öldürýändir, onuň özi diridir, hiç ölýän däldir, haýr onuň elindedir, ol her bir zada kadyrdyr»- diýse, oňa million sogap ýazylar we million günäsi aýrylar we million dereje beýgeldiler.

**Lä ilähä illalla wahdahu la şerikelah lahul-mulk we lahul hamd ýuhýiýu we ýumit we haýýun la ýemut biýedihil hoýr we huwa ala kүlli şeýin kady-yr.**

**لا إله إلا الله وحده لا شريك له له الملك وله الحمد يحيي ويميت وهو حي لا يموت بيده الخير وهو على كل شيء قدير**

184. Bir adam aýdan: Men Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ulagynyň yzynda otyrdym, ol ulag birden büdredi, şonda men: “Şeýtan betbagt bolsun” - diýdim. Şonda Resulalla sallalahu aleýhi we sellem şeýle diýen: «Şeýtan betbagt bolsun diýme, eger sen şeýle diýäýseň, ol öý ýaly beýgelerde: men öz güýjüm bilen etdim diýer, ýöne sen «Bismilla» diýseň welin, ol siňek ýaly kiçeler” diýýär.

## Kime sowgat berilse ýa-da oňa doga edilse aýtmaly zikirler.

185. Aýşa razyallahu anhä aýdýar: “Resulalla sallalahu aleýhi we sellem biri goýun sowgat berýär: ol Aýşa ony paýlaşdyr diýýär, haçanda Aýşanyň hyzmatkäri paýlap gaýdyp gelende, Aýşa ondan olaryň näme diýenini soraýar. Hyzmatkär: “olar Alla size bereket bersin” - diýdiler diýýär. Aýşa: Olarada Alla bereket bersin, biz olaryň aýdan dilegleri ýaly jogap bereli, öz sogabymyz bolsa, özümize galar” diýýär.

## Ilkinji bişen miweleri görlende aýdylýan zikirler.

186. Ebi Hureýra razyallahu anhu aýdýar: Adamlar ilkinji bişen miwelerini görenlerinde, Resulalla sallalahu aleýhi we selleme getirip bererdiler, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem ony eline alanda: Eý Alla, biziň miwämize bereket ber we biziň şaherimize bereket ber, hem-de biziň

saagymyza (ölçeg gaby) bereket ber we biziň muddumyza (ölçeg gaby) bereket ber – diýýär we, ony oturan kiçi çagalara paýlaýardy.

**Allahumma barik lana fi semerina we brik lana fi medinetina we barik lana fi sogina we barik lana fi muddina.**

" اللهم بارك لنا في ثمرنا وبارك لنا في مدينتنا وبارك لنا في صاعنا وبارك لنا في مدنا

## Bir zady halap, oňa göz degmezlik üçin aýdylýan zikirler.

187. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Göz (degmek) hakdyr, eger bir zat takdyry ozan bolsa-dy, onda ony göz (degmek) ozardy.»

188. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdýar: «Eger siziň biriňiz öz öýünde ýa-da malynda halaýan zadyny görse, «Barakalla» diýsin, çünki göz hakdyr.

189. Ebu Sa`yd razyallahu anhu aýdýar: «Resulalla sallalahu aleýhi we sellem (Alladan) jynlaryň we ynsanlaryň göz degmesiniň garşysyna, tä «Felak we Nas» süreleri inýänçä, Alladan pena soraýardy, haçanda olar inende, olardan başga hemme zatlary goýdy (ýagny diňe şolary okaýardy).

## Ýagşylyga ýormaklyk we şumlanmaklyk (yrym etmek) barada.

190. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdýar: «Ýokanç kesel ýokdur, şumlanmaklyk hem dogry däldir, iň gowysy her bir zady ýagşylyga ýormaklykdyr.» Aýtdylar: nähili ýagşylyga ýormaly? Ol: «Adamyň ýagşy sözi eşitmegidir» - diýdi.

191. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem her bir zady ýagşylyga ýormagy gowy görerdi.

192. Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan: «Men düýşümde Ukba bin Rafigyň howlusynda özümi gördüm we bize Ibni Tabyň hurmasyndan hödürlendi, men şuny dünýäde beýiklik, ahyretde bolsa haýrdyr we biziň dinimiz kämil boldy diýip ýordum” diýýär.

193. Muawiýa bin al Hakam razyallahu anhu aýdan: “Men aýtdym: Ýa Resulalla, biziň içimizde käbir adamlar şumlanýarlar, Ol: «Siz ol zady öz gursagyňyzda tapýarsyňyz, ol sizi işiňizden gaýtarmasyn.» diýdi.

**Allanyň ýardamy bilen tamam boldy**.